# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – AMALA AŞYRYLÝAN GIŇ GERIMLI IŞLER YGTYBARLY ENERGETIKA KUWWATYNY DÖRETMÄGE MÜMKINÇILIK BERÝÄR. ELEKTRIK ENERGIÝASYNYŇ ÖZÜMIZDEN ARTÝAN BÖLEGINI DAŞARY ÝURTLARA IBERMEK, ONUŇ EKSPORT UGURLARYNY KÖPELTMEK ÜÇIN AMATLY ŞERTLERI DÖREDÝÄR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
22-nji iýul, 2022. Belgisi 29/1491




20-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzyň Büzmeýin etrabynda gurlan Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

# ÝURDUMYZYŇ ENERGETIKA PUDAGYNYŇ KUWWATY ARTÝAR

Üç gektar meýdanda ýerleşýän bu desganyň gurluşygyny Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylda gol çeken degişli Kararyna laýyklykda, Türkiýäniň «Çalyk Enerji Sanayi ve Ticaret A.Ş.» kompaniýasy amala aşyrdy. Onuň gurluşygyna ýerli we daşary ýurtly hünärmenler gatnaşdylar. Merkezde netijeli zähmet çekmek üçin ähli şertler döredilip, bu ýerde ýöriteleşdirilen enjamlaryň 55-si gurnaldy. Toplum ugurdaş bölümleri, barlaghanany, edara binasyny, mejlisler jaýyny, arhiwi, ammary, tehniki, kömekçi jaýlary we beýleki zerur düzümleri öz içine alýar. Şeýle hem bu ýerde işgärler üçin lukmançylyk otagy, aşhana, naharhana göz öňünde tutulandyr.

Täze merkez Merkezi Aziýada bu ugurdaky ýeke-täk desgadyr. Bu ýerde iň öňdebaryjy tehnologiýalar esasynda «General Electric» kompaniýasynyň gaz turbinalary abatlanylar hem-de olara hyzmat ediler. Ähli işler ýokary hil derejesinde, ekologiýa kadalarynyň berk berjaý edilmeginde ýerine ýetiriler. Merkezde zähmet çekjek hünärmenleri taýýarlamagyň maksatnamasyna laýyklykda, degişli okuwlar guraldy hem-de «General Electric» kompaniýasynyň daşary ýurtlardaky hyzmat ediş merkezlerine birikdirmek bilen, onlaýn görnüşde nazary we amaly okuwlar geçirildi.

Dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimizi uly ruhubelentlik bilen garşyladylar. Sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren aýdym-sazlary, tanslary dabara aýratyn öwüşgin çaýdy. Hormatly Prezidentimiz ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda täze desganyň toý bagyny kesdi. Soňra merkeziň dolandyryş binasynyň mejlisler zalynda dabaraly maslahat geçirildi.

### TÄZE DESGA MERKEZI AZIÝADA BU UGURDAKY ÝEKE-TÄK HYZMAT EDIŞ DESGASYDYR

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylara we pudagyň işgärlerine ýüzlenip, Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda möhüm desganyň – Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň açylýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň energetika pudagyny ösdürmäge, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga uly üns berilýändigini aýtdy. Soňky ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda täze, döwrebap elektrik stansiýalarynyň birnäçesi guruldy. Häzirki wagtda-da bu pudakda iri taslamalaryň ençemesi durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň içerki energetika halkasynyň hem-de Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygy dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, amala aşyrylýan giň gerimli işler ygtybarly energetika kuwwatyny döretmäge mümkinçilik berýär. Elektrik energiýasynyň özümizden artýan bölegini daşary ýurtlara ibermek, onuň eksport ugurlaryny köpeltmek üçin amatly şertleri döredýär. Şu gün ulanmaga berilýän merkez hem energetika pudagy üçin örän uly ähmiýete eýedir. Bu merkez ýurdumyzyň ähli sebitlerinde gurlan kuwwatly energetika desgalarynyň esasy enjamlaryny abatlamaga niýetlenendir. Munuň özi şeýle hyzmatlar üçin sarp edilýän wagty we serişdeleri azaltmaga, degişli ugurda ýokary derejeli hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ýardam berer diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Merkeziň gurluşygyny «Çalyk Enerji Sanayi ve Ticaret A.Ş.» kompaniýasy ýerine ýetirdi. Bu ýerde işlemek üçin ähli amatly şertler üpjün edilen. Abatlaýyş, hyzmat ediş işleriniň guralyşy ekologiýa talaplaryna doly laýyk gelýär. Merkezde Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň «General Electric» kompaniýasynyň öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyryldy. Döwrebap merkeziň gurulmagy bilen, bu ýerde 120-den gowrak täze iş orny döredildi. Bu ýerde işlejek hünärmenler daşary ýurtlarda hünär kämilleşdiriş okuwyny geçdiler.

Häzirki zamanyň iň ösen tehnologiýalary esasynda gurlan täze desga Merkezi Aziýada bu ugurdaky ýeke-täk hyzmat ediş desgasydyr. Şular ýaly iri taslamalaryň yzygiderli amala aşyrylmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň barha artýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ýurdumyzyň ykdysadyýetini yzygiderli ösdürmek biziň baş wezipämiz bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýene-de bir iri desganyň – Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň açylyp ulanmaga berilmegi bilen dabara gatnaşyjylary tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, energetika pudagynyň işgärlerine bolsa berkarar döwletimiziň energetika syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi. ■ 2

# Akyldaryň okan mekdebi

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ösüşleriň täze belentliklerine sary bedew bady bilen öňe barýan mähriban Watanymyzda türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dünýä derejesinde öwrenilmegine uly badalga berilýär. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynda taryhy-jemgyýetçilik nukdaýnazaryndan nusgawy şahyryň köptaraply ussatlygy, pikirleniş ukyplarynyň kämilligi, maddy we ruhy gymmatlyklaryň milli öwüşginli baý durmuş tejribeleri, täzeçillik başlangyçlary jemlenýär. Akyldar şahyryň döredijilik tematikasynyň giňligi, nepis poeziýasynyň gözelligi, milli we umumadamzat ähmiýetli taryhy hyzmatlary, eserleriniň diliniň halkylygy hem-de çeperçilik mirasynyň täsir edişiniň jadyly dünýäsiniň öwreniliş ýaýrawy barha rowaçlanýar.** ■ 3



# Döwrüň derwaýys meselesi

Hormatly Prezidentimiz 14-15-nji iýulda Özbegistan Respublikasyna ilkinji döwlet saparyny amala aşyrdy we «Kuksaroý» köşgünde Prezident Şawkat Mirziýoýew bilen ikitaraplaýyn gepleşikleri geçirdi. Gepleşikleriň çäklerinde syýasy, söwda-ykdysady we medeni ynsanperwer ulgamlarynda ikitaraplaýyn bähbitli türkmen-özbek hyzmatdaşlygyna degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem taraplar halkara we sebit syýasaty meseleleri boýunça pikir alyşdylar. Ýokary derejede geçirilen gepleşikleriň netijeleri boýunça Aşgabat bilen Daşkendiň arasynda däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň ösüşine täze itergi berjek ikitaraplaýyn resminamalaryň toplumyna gol çekildi. ■ 3



# Üstaşyr ulag hyzmatdaşlygyna bagyşlanan halkara maslahat

**18-19-njy iýulda paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş» atly iki günlük halkara maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmen Forum» hojalyk jemgyýeti bilen bilelikde guran wekilçilikli forumyna ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleri, bilermenler, maýadarlar, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.**

Foruma «Vitol», «Meno Logistics», «Boeing», «Dragon Oil», «Fly Dubai», «Airbus», «Cargo Lux» halkara logistika we ekspeditorçylyk kompaniýalarynyň, Howa Ulaglarynyň Halkara Assosiasiýasynyň (IATA), Halkara gämiçilik edarasynyň (ICS), Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň (IRU), Merkezi Aziýada «USAID» maksatnamasynyň wekilleri bar. Maslahatyň mejlislerine hem-de pikir alyşmalaryna halkara guramalaryň we maliýe edaralarynyň, BMG-niň, ÝHHG-niň, Bütindünýä bankynyň, Aziýanyň Ösüş bankynyň, Türkmenistanda işleýän diplomatik missiýalaryň wekilleri gatnaşdylar.





Adaty görnüşde hem-de sanly ulgam arkaly guralan maslahatyň iş maksatnamasy «Pandemiýadan soňky döwürde ulag-logistika toplumynyň dikeldilmegi: täze howplar we mümkinçilikler» atly plenar mejlisi hem-de «Ulag-kommunikasiýa toplumynyň sanlylaşdyrylmagy. Geljege nazar», «Durnukly ulagyň ekologik jähetleri. «Ýaşyl» infrastrukturanyň ösdürilmeginde döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň orny», «Ulag-kommunikasiýa toplumynyň ösdürilmeginde ylmyň we bilimiň orny» atly üç sany iş mejlisini özünde jemleýär.

Halkara ulag diplomatiýasy merkeziniň Ýerine ýetiriji sekretary I.Runow, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Ýerine ýetiriji sekretarynyň orunbasary D.Mariýasin, BMG-niň Aziýa–Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we Durmuş komissiýasynyň ulag, ulag-aragatnaşyk we logistika, ykdysady bölümleriniň ýolbaşçysy F.Kormilisin, Halkara Ulag Assosiasiýasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň wekili sanly ulgam arkaly gutlag sözleri bilen çykyş etdiler. ■ 2

# Ýokary okuw mekdebiniň düýbi tutuldy

**19-njy iýulda Aşgabat şäheriniň Görogly köçesiniň ugrunda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýokary okuw mekdebiniň düýbüni tutmak dabarasy geçirildi. Dabara döwlet ýolbaşçylary, il sylagly ýaşulular, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň agzalary gatnaşdylar.**

Täze ýokary okuw mekdebi umumylykda 8 gektara barabar meýdany eýelär. Onuň çäginde 9 gatly esasy bina we 6 gatly okuw binalarynyň 4-si, hersi 300 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýlarynyň 2-si, kitaphana, naharhana, ýapyk we açyk sport desgalary, 1000 orunlyk mejlisler zaly we beýleki kömekçi desgalar bolar.

Bilim ojagynyň gurluşygynda innowasion we sanly tehnologiýalar işjeň ulanylar. Okuw otaglary hem-de tejribehanalary döwrebap kompýuterlerdir enjamlar, şol sanda multimedia we lingafon enjamlary bilen üpjün ediler.

«Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda, bu ýerde ýaşlaryň daşary ýurt dillerini



kämil öwrenmeklerine şert döredíler. Dünýäniň öňdebaryjy bilim ojaklary bilen hyzmatdaşlyk ösdürilip, daşary ýurtly professor-mugallymlaryň hem sapak bermekleri ýola goýlar.

Gurluşyk işlerini Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň buýurmasy esasynda «Nur bina gurluşyk» hususy kärhanasy alyp barar. Bu toplum binagärligiň we gurluşygyň iň soňky gazananlary ulanylyp bina ediler. Ony 2025-nji ýylyň sentýabr aýynda doly taýýar edip, ulanmaga tabşyrmak göz öňünde tutulýar. ■ 2


**ŞHG-ä girmek üçin ýüz tutdy**
Belarus Respublikasy Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna (ŞHG) agzalyga girmek üçin arza berdi. Bu barada Özbegistanyň daşary işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Wladimir Norow habar berdi. 4

**Howa şary**
Adamzat irki döwürlerden bäri uçmagyň arzuwynda bolupdyr. Şeýle bolansoň bu ugurda ýüzlerçe synanyşyk edilipdir. Häzirki wagtda bir uçar gysga wagtyň dowamynda müňlerçe kilometr ýol geçip bilýär. 5

**Peläniň we Braziliýanyň ilkinji çempionlygy**
Dünýä Kubogy 1958-nji ýylda Ýewropada geçirilip, ýaryş Şweýsariýadan soň Şwesiýada guralýar. 8–29-njy iýun aralygynda geçirilen 6-njy Dünýä Kubogyna jemi 16 ýygyndy gatnaşýar. 6

**Ýeňil atletika boýunça 18-nji Dünýä çempionaty**
ABŞ-nyň Oregon ştatynyň Ýujin şäherinde dowam edýän ýeňil atletika boýunça 18-nji Dünýä çempionatynda 100 metre ylgamakda erkekleriň arasynda amerikaly Fred Kerli altyn medala mynasyp boldy. 7

# Ýokary okuw mekdebiniň düýbi tutuldy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

TSTB-niň ýokary okuw mekdebinde işewürlik we menejment, maglumat tehnologiýalary, himiýa tehnologiýalary we dag-magdan pudagynyň işewürligi, oba hojalyk işewürligi, binagärlik we gurluşyk pudagynyň işewürligi, hünär derejesini ýokarlandyryş boýunça fakultetler, onlarça kafedra, şeýle hem dil öwreniş bölümi hereket eder. Täze bilim ojagynyň okuw maksatnamalary esasynda ýaşlara döwrebap tejribeler, telekeçiligiň hukuk esaslary, işewürlik ýörelgeleri, sanly tehnologiýalar eýýamynyň möhüm bilimleri öwrediler.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 12-nji aprelinde hormatly Prezidentimiz bu ýokary okuw mekdebiniň binasyny gurmak hakyndaky Karara gol çekipdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Merkezi bankyna «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankyna, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine Aşgabat şäherinde Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýokary okuw mekdebiniň gurluşygyny maliýeleşdirmek maksady bilen, degişli möçberdäki serişdeleri karz bermek tabşyryldy.

# ÝURDUMYZYŇ ENERGETIKA PUDAGYNYŇ KUWWATY ARTÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

## TEHNOLOGIÝANYŇ IŇ SOŇKY GAZANANLARY BILEN ENJAMLAŞDYRYLDY

Soňra «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalyga söz berildi. Ol şu gün ulanmaga berilýän ýokary tehnologiýaly merkeziň Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, hormatly Prezidentimiziň tagallalary we goldawy netijesinde gurlandygyny nygtady.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň energetika pudagynyň okgunly ösdürilýändigi bellenildi. Täze energetika ulgamlaryny döretmek boýunça möhüm çäreler geçirilýär, bu pudakda öňde goýlan wezipeleri çözmekde uly üstünlikler gazanyldy. Içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen doly möçberde üpjün etmek bilen bir hatarda, onuň daşary ýurtlara iberilýän ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça yzygiderli işler geçirilýär. Häzirki wagtda milli ykdysadyýetimiziň bu pudagy innowasion tehnologiýalar esasynda ýokary ösüş depginlerine eýe boldy.

Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkezi enjamlaryň ýokary hilli abatlanylmagyny hem-de uzak möhletleýin ulanylmagyny üpjün eder. Munuň özi ýurdumyzda hereket edýän elektrik stansiýalarynyň bökdençsiz hem-de doly güýjünde işledilmegine ýardam berer. Häzirki döwrüň ekologiýa howpsuzlygynyň ýokary talaplary hasaba alnyp gurlan bu desga tehnologiýanyň iň soňky gazananlary bilen enjamlaşdyrylandyr.

Işgärleriň hünär taýýarlygyny, şol sanda daşary ýurtlardaky ugurdaş desgalarda okuw-iş tejribeliklerini guramak arkaly kämilleşdirmek hem-de tejribe alyşmak üçin ähli zerur şertler döredilendir. Şeýlelikde, täze merkez dünýädäki şeýle desgalaryň hatarynda iň döwrebap we öňdebaryjy desga bolup durýar.

## «GENERAL ELECTRIC» KOMPANIÝASY TÜRKMENISTANYŇ IŞJEŇ HYZMATDAŞY

Soňra ABŞ-nyň «General Electric Gas Power Europe» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň orunbasary Braýs Raisine söz berilýär. Ol hormatly Prezidentimize ýüzlenip, Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň açylyş dabarasyna gatnaşmagyň özi üçin uly mertebedigini belledi. «General Electric» kompaniýasy indi 25 ýyldan gowrak wagt bäri energetika pudagyny ösdürmekde Türkmenistanyň işjeň hyzmatdaşy bolup durýar. Geçen ýyllarda kompaniýa Türkmenistanda gazanylan uly üstünlikleriň şaýady boldy.

Bu merkezde energetika enjamlaryny abatlamak we hyzmat etmek boýunça toplumlaýyn esasda oňyn çözgütler durmuşa geçiriler. Netijede, gaz turbina enjamlaryny abatlamak üçin daşary ýurtlara ibermek zerurlygy aradan aýrylar. Olary döwrebaplaşdyrmak üçin bu ýerde «General Electric» kompaniýasynyň ýokary öndürijilikli tehnologiýasy peýdalanylar. Munuň özi ýangyjyň netijeli sarp edilişini ýokarlandyrmagyň hasabyna serişdeleri tygşytlamaga mümkinçilik berer. Bu innowasion çözgüt enjamlaryň ulanyş möhletini uzaltmaga-da ýardam eder.



Soňra «General Electric Gas Power Europe» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň orunbasary dabaraly ýagdaýda Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkezine «General Electric» kompaniýasynyň tehnologiýalaryny ulanmaga rugsat berilýändigi barada güwänamany gowşurdy.

## HALKARA GÜWÄNAMALAR GOWŞURYLDY

Soňra Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkezine iň döwrebap taslamadygy hem-de inženerçilik toplumydygy barada Beýik Britaniýanyň «The London Energy Club» kompaniýasynyň güwänamasy, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Fraunhofer» adyndaky Energiýa ykdysadyýeti we energiýa ulgamlary tehnologiýasy institutynyň durnukly we öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylandygy baradaky güwänama, Güwänamalaşdyrmak hem-de baha bermek boýunça halkara gurama – Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «TUV» kompaniýasynyň ýokary hilli we talabalaýyk gurlandygy baradaky güwänama, «Duisburg-Essen» uniwersitetiniň (GFR) ekologiýa taýdan arassa we daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän desgadygy baradaky güwänamasy gowşuryldy.

Güwänamalary gowşurmak dabarasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimize we dabara gatnaşýanlara wideofilm görkezildi. Film merkeziň işi, onuň niýetlenilen ugry hem-de esasy tehniki häsiýetnamalary barada düşünje almaga mümkinçilik berýär.

## TÄZE DESGANYŇ BÖLÜMLERI BILEN TANYŞDYRYLDY

Soňra döwlet Baştutanymyz abatlaýyş bölümine baryp gördi. Bu ýerde hünärmen gologramma usuly arkaly hormatly Prezidentimizi ýerine ýetirilýän işleriň aýratynlyklary bilen tanyşdyrdy.

«General Electric» kompaniýasynyň gaz turbinalarynyň görnüşleriniň biriniň mysalynda 5D görnüşinde görkezilen uly göwrümli şekil birnäçe amallary öz içine alýan işleriň tehnologik halkasyny synlamaga mümkinçilik berýär. Şolaryň hatarynda enjamlary suw bilen ýuwup arassalamak hem-de zeper ýetirmezden kemçiliklerini anyklamak, mehaniki zeperleri düzetmek, kebşirlemek, gyzgyna we sowuga durnukly örtügi çaýmak, wakuum pejinde enjamlary taplamak we beýleki işler bar. Enjamlary abatlamak işleri tamamlanandan soňra, olar synagdan geçirilýär.

Merkeziň işgärleriniň adyndan hünärmen döwlet Baştutanymyza energetika pudagyny ösdürmek, Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak, halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda edýän yzygiderli tagallalary üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz abatlaýyş bölümini synlady. Onuň enjamlaşdyrylyşy hem-de tehnologik üpjünçiligi bilen gyzyklandy. Bu ýerde hünärmenler döwlet Baştutanymyza geçirilýän işleriň aýratynlyklary barada giňişleýin gürrüň berdiler.

Merkez häzirki zaman enjamlary, şol sanda synagdan geçirmek, barlamak hem-de gaz turbinalarynyň böleklerini, içinden geçýän sowadyş ýollaryny arassalamagyň dürli usullary üçin niýetlenilen enjamlar bilen üpjün edilendir. Abatlanylýan enjamlary mehaniki taýdan işläp bejermek üçin niýetlenilen kabinada metal gyryndylaryny sorup alýan ulgam gurnalandyr. Bu ulgam işgärleriň howpsuzlygyny üpjün edýär.

Tokar, radial burawlaýjy, elektroerozion we metaly ýonýan elektroerozion, lenta görnüşli ýylmaýjy ýaly häzirki zaman stanoklar merkeziň işgärleriniň ygtyýaryndadyr, olar degişli abatlaýyş işlerini ýokary takyklykda ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Koordinataly ölçeg we 3 ugurly mehaniki taýdan işläp bejerýän stanoklar sanly tehnologiýalaryň binýadynda işledilýär. Boroskop arkaly gaz turbinalarynyň enjamlaryny sökmezden, olaryň içki böleklerine 4 millimetrlik ölçegli wideoenjam arkaly gözegçilik edilýär. Dartyş synagy üçin niýetlenilen stend programma üpjünçiligi arkaly dolandyrylýar hem-de metallaryň fiziki häsiýetnamalaryny kesgitlemek üçin peýdalanylýar.

Abatlanylýan enjamlara zeper ýetirmezden, olaryň kemçiliklerini ýörite madda – çäge pürkmek arkaly flýuressent ýa-da gyzyl reňk arkaly anyklamak usullary hem bar. Önümçiligi awtomatlaşdyrmak ulgamynda dünýä belli kompaniýalaryň biri bolan «FANUC Robotics Europe S.A.» kompaniýasynyň önümi bolan bu senagat roboty degişli işleri ýerine ýetirmek üçin niýetlenendir.

Merkezde oturdylan wakuum peji gaz turbinalarynyň abatlanylýan enjamlaryny kebşirlemezden ozal we soňra termiki taýdan işlemek hem-de metalyň kristal gözeneklerini dikeltmek ýoly bilen olary taplamak üçin ulanylýar. Ýene bir ýöriteleşdirilen peç gaz turbinalarynyň işçi pilçelerini termiki taýdan işlemek üçin niýetlenendir. Şeýle hem degişli enjamlar, gurallar we beýleki abzallar bar. Abatlanmaga degişli energetika enjamlary merkeze gelip gowşanda, ilki bilen, olar gözden geçirilýär, zerur bolan işleriň görnüşi kesgitlenilýär, soňra bolsa degişli abatlaýyş bölümlerine iberilýär.

Hünärmenler häzirki zaman merkeziniň ulanmaga berlendigi üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, berk jan saglyk, uzak ömür, Watanymyzyň we halkymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan giň gerimli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdiler.

Merkez bilen tanyşlykdan soňra döwlet Baştutanymyz asylly däbe görä, Hormatly myhmanlaryň kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

# Smartfon satuwynda birinji

«Canalys» kompaniýasynyň taýýarlan maglumatyna görä, «Samsung» kompaniýasy dünýäde smartfon satuwynda öňdeligini dowam etdirýär. Şu ýylyň ikinji çärýeginde bütin dünýäde satylan «akylly» telefonlaryň 21 göterimini «Samsung» emele getiripdir. Kompaniýanyň şeýle üstünligi gazanmagynda has arzan bahaly bolan «Galaxy A» seriýasynyň täsiriniň uludygy bellenilýär. Maglumata görä, «Apple» kompaniýasynyň telefonlary bazaryň 17 göterimini emele getirip, ikinji bolupdyr. Amerikan brendiniň satuwynyň artmagyna «iPhone 13» smartfonyna bolan islegiň ýokary bolmagynyň täsiri uly bolupdyr. Hytaýyň «Xiaomi», «Oppo» we «Vivo» kompaniýalary degişlilikde, üçünji, dördünji we bäşinji ýerleri eýeläpdir. Bu kompaniýalaryň bazardaky paýy degişlilikde 14 göterim, 10 göterim we 9 göterim bolupdyr.



Şu ýylyň ikinji çärýeginde umumy telefon satuwy geçen ýylyň degişli döwründäkiden 9 göterim pese gaçypdyr.

# Metawers kompaniýalaryny kabul eder

Birleşen Arap Emirlikleriniň iň köp ilatly şäheri bolan Dubaýyň ýolbaşçylary blokçeýn we metawers kompaniýalarynyň müňden gowragyny şähere çekmegi maksat edinýär. Şäher metawers tehnologiýasy babatda dünýäniň öňdebaryjy 10 şäheriniň hataryna goşular. Şäherde 2030-njy ýyla çenli 40 müňden gowrak «hyýaly» iş ornunyň döredilmegi göz öňünde tutulýar. Bu barada ýaýradylan maglumatda bu maksatnamanyň Dubaýyň ykdysadyýetini kuwwatlandyrjakdygy we BAE-däki blokçeýn kompaniýalarynyň sanynyň 5 esse artdyryljakdygy mälim edildi. BAE-niň emeli aň we sanly ykdysadyýet ministri Omar bin Sultan Al Olama metawersiň BAE-niň täzeçillik çözgütlerini hödürlemekde, adamlaryň durmuşyna oňyn goldaw bermekde we şäheri täze ykdysady mümkinçilikleri hödürleýän «akylly» merkeze öwürmekde maksatnama goldaw berjekdigini belledi.



Ýeri gelende bellesek, PwC kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, 2030-njy ýyla çenli «hyýaly hakykat» tehnologiýasynyň BAE-niň ykdysadyýetine 4 milliard dollar goşant goşjakdygy çaklanylýar.

# Üstaşyr ulag hyzmatdaşlygyna bagyşlanan halkara maslahat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Duşuşygyň çäklerinde oňa gatnaşyjylar ulag hyzmatlarynyň dünýä bazarynyň ýagdaýy, ýük akymlarynyň ugurlary we ösüşi, ulagyň ähli görnüşiniň netijeliligini hem-de bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň mümkinçilikleri, Ýewraziýada halkara gatnawlara goşulyşmak we olaryň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak şertlerinde Türkmenistanyň üstaşyr ulag kuwwatynyň netijeliligini ýokarlandyrmakda awtomobil hem-de howa ulagynyň eýeleýän orny, töwekgelçilikleri gözegçilikde saklamak, logistik çykdajylary hasaba almak bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Türkmenistanda ulag-kommunikasiýa ulgamynda demir ýol, awtomobil, deňiz, howa ulaglarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça amala aşyrylýan giň möçberli milli maksatnamalary we hereket edýän ulag geçelgelerini giňeltmek, sebit we dünýä söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň çuňlaşdyrylmagyna kuwwatly itergi berjek täze geçelgeleri döretmek babatda meýilnamalary nazara almak bilen, däp bolan hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň geljegi barada pikir alyşmalar boldy.

Çykyş edenleriň nygtaýyşlary ýaly, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň bu ulgamdaky gatnaşyklary giňeltmäge çalyşmagy, ilkinji nobatda, ýurdumyzyň üstaşyr ulag ulgamynda amala aşyrylýan giň möçberli özgertmeler, esasy işewür toparlar bilen hyzmatdaşlygyň ýokary derejesi esasynda şertlendirilendir. Şunuň bilen birlikde, gyzyklanma bildirýän ähli taraplaryň geljegi uly türkmen bazarynda netijeli işlemegi üçin amatly hukuk, maliýe-ykdysady şertleriň döredilýändigi bellenildi.

Foruma gatnaşyjylar Merkezi Aziýanyň häzirki döwrüň ählumumy ösüşiniň aýrylmaz we möhüm bölegi hökmündäki garaýyşlaryndan ugur aldylar. Olar dürli ýurtlaryň ulag torlaryny birleşdirýän çylşyrymly ulgam bolan üstaşyr ulag geçelgeleriniň ähmiýeti barada aýtmak bilen, olaryň sebit we halkara derejelerde goşulyşmakda, özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda eýeleýän ornuny bellediler. Şunuň bilen baglylykda, durnukly ykdysady ösüşiň möhüm şertleriniň biri hökmünde bu ulgamda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde tagallalary birleşdirmegiň zerurdygy nygtaldy.



Maslahatyň çäklerinde Halkara ulag we üstaşyr geçelgesini döretmek hakynda Eýran Yslam Respublikasynyň, Katar Döwletiniň, Oman Soltanlygynyň, Türkmenistanyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň Hökümetleriniň arasynda Ylalaşygyň (Aşgabat Ylalaşygy) Işçi komitetiniň üçünji mejlisi, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Gyrgyzystan–Özbegistan–Türkmenistan–Eýran we Täjigistan–Özbegistan–Türkmenistan–Eýran–Türkiýe ulag geçelgeleri boýunça birinji iş duşuşygy hem geçirildi.

Maslahatyň ikinji gününde ulag-kommunikasiýa toplumynyň ösdürilmeginde ylmyň we bilimiň orny, bu ulgamlarda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek bilen bagly meseleler boýunça pikir alşyldy.

Şeýle-de forumyň çäklerinde sylaglaýyş dabarasy geçirildi we özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga, onuň netijeli görnüşlerini işläp taýýarlamaga, ählumumy abadançylygyň we ösüşiň bähbidine sebit hem-de halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gönükdirilen resminamalara gol çekildi.

Forumyň işi tamamlanandan soňra, oňa gatnaşyjylar üçin Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Aşgabat–Tejen bölegine, paýtagtymyzyň Halkara howa menziline we Türkmenbaşy şäherindäki Halkara deňiz portuna gezelençler guraldy.

# Dünýäniň iň gowy restoranlary

«William Reed» mediýa kompaniýasynyň «Restaurant» žurnaly dünýäniň iň gowy 50 restoranyny saýlady. Londonda geçirilen dabarada öňdeligi eýelän restoranlara baýraklar gowşuryldy. Dabarany amerikaly artist Stenli Tuççi alyp bardy. Birinji orna Daniýanyň paýtagty Kopengagendäki «Geranium» atly restoran mynasyp boldy. Bu restoran ýurduň milli futbol stadionynyň sekizinji gatynda ýerleşýär. Restoran müşderilerine skandinaw aşhanasynyň tagamlaryny hödürleýär. Bu restoran geçen ýylky sanawda ikinji bolupdyr. 2021-nji ýylda-da birinji orny Daniýanyň paýtagtynda ýerleşýän «Noma» atly restoran eýeläpdir. Şeýlelikde, Daniýa yzly-yzyna iki ýylda bu sanawa adyny ýazdyrdy. Öňki ýyllarda hem «Noma» restorany birnäçe gezek bu sanawa adyny ýazdyrypdyr. «Central» (Peru) ikinji, «Disfrutar» (Barselona) üçünji ýeri eýeläpdir. Ispaniýanyň Madrid şäherindäki «Diverxo» dördünji bolup, Meksikanyň paýtagtyndaky «Pujol» ilkinji bäşligi jemläpdir. Ispaniýanyň Bask sebitindäki Akspe şäherinde ýerleşýän «Asador Etxebarri» restorany altynjy bolupdyr. «A Casa do Porco» (San-Paulo, Braziliýa), «Lido 84» (Gardone-Riwýera, Italiýa), «Quintonil» (Mehiko, Meksika) we «Le Calandre» (Rubano, Italiýa) ilkinji onlukda özüne orun tapypdyr.



Şeýlelikde, ilkinji onluga Ispaniýadan üç, Italiýadan we Meksikadan iki restoran giripdir.



# Ýerasty ýük gatnaw ýoly gurlar

Şweýsariýada ýol dyknyşygyny azaltmak maksady bilen ýerasty ýük gatnaw ýoly gurlar. Ýurduň Milli parlamenti bu taslamanyň başlanmagyna ygtyýar berdi. «Cargo Sous Terrain» (CST) atly taslamanyň gurluşygyna awgust aýynda girişiler. Bu taslama baradaky ilkinji teklip 2016-njy ýylda orta atyldy. Şol döwür taslamanyň bahasynyň 3,4 milliard dollar bolmagyna garaşylýardy. Emma soňra taslama giňeldildi. Soňky ylalaşylan taslamany durmuşa geçirmek üçin 35 milliard dollar sarp ediler. Şeýle taslamanyň gurulmagy baradaky pikir ýol hereketinde ýük ulaglarynyň sanynyň artmagy bilen baglanyşyklydyr. Çaklamalara görä, geljek 30 ýylda ýol hereketi 40 göterime çenli artar. Munuň öňüni almak üçin bolsa, şeýle taslama taýýarlandy. Taslamanyň çäklerinde guruljak ýoluň ini 6 metre barabar bolup, 3 zolakly bolar. Elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar ýerasty ýoldan sagatda 30 kilometr tizlik bilen hereket ederler. Azyk harytlary we sowadylan önümler ýörite ulaglar arkaly daşalar. Şeýle hem has kiçi ulaglar üçin ikinji üstki ýol hem bolar. Taslamanyň birinji tapgyry 2031-nji ýyla çenli tamamlanar. Sýurih bilen Härkingen aralygynda guruljak ýerasty ýoluň uzynlygy 70 kilometr töweregi bolar. 2045-nji ýyla çenli bolsa, tutuş ýurdy öz içine alýan, umumy uzynlygy 500 kilometre barabar bolan ýerasty ýol gurlar.

# Arzan bahaly elektroulag öndürer

Golaýda «Ioniq» ulagynyň elektrik energiýasy bilen işleýän görnüşini («Ioniq 6») tanyşdyran «Hyundai» kompaniýasy 2024-nji ýylda «Ioniq 7» atly has uly ulagy taýýar eder. Koreý brendiniň has kiçi, arzan bahaly elektroulag öndürmegi maksat edinýändigi hem habar berildi. «Hyundai Motor» kompaniýasynyň Ýewropa bazary boýunça ýolbaşçysy Andreas-Kristof Hofmann kiçi göwrümli bu ulagyň bahasynyň 20 müň ýewro töweregi bolmagyna garaşylýandygyny aýtdy. Bu ulag häzirki elektroulaglaryň köpüsinden arzan we kiçi göwrümli bolar. Hofmann dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän kiçi göwrümli ulaglaryň girdeji babatda amatly däldigine ünsi çekip, şol sebäpli «Hyundai»-yň «Ioniq» modellerine ähmiýet berýändigini aýtdy. Bu ulaglar uly göwrümli bolmagy bilen tapawutlanýar. Üç hatar oturgyjy boljak «Ioniq 7» ulagynyň 2024-nji ýylda satuwa çykarylmagyna garaşylýar.

«Hyundai» kompaniýasy dürli göwrümdäki elektroulaglaryň önümçiligine üns bermegini dowam etdirer. Kompaniýa 2030-njy ýyla çenli azyndan 11 sany elektroulag modeliniň önümçiligini ýola goýar. Şu ýylyň birinji ýarymynda koreý brendiniň Ýewropadaky satuwynyň 16 göterimini elektroulaglar emele getiripdir. Ýeri gelende bellesek, «Volkswagen» toparynyň hem şeýle maksady bar. Nemes öndürijisi «Volkswagen», «Skoda» we «Cupra» brendleri astynda elektroulag öndürer. Bilermenler 2025-nji ýyldan başlap, elektroulag bazaryndaky bäsdeşligiň has-da ýitileşjekdigini belleýärler.





# Suwotudan ses geçirmeýän material öndürildi

Hünärmenler häzirki ses we ýylylyk geçirmeýän materiallaryň ornuny tutjak täze membrana oýlap tapdylar. Täze material suwotudan ýasalypdyr. Ses yrgyldylaryny yzyna serpikdirmek üçin ulanylýan häzirki materiallar plastmassadan öndürilýär. Bu materiallar ulanyşdan galandan soňra gaýtadan işlenmegi kyn bolýar. Hindistanly hünärmenleriň taýýarlan materialy bolsa suwotudan ýasalandygy üçin tebigata hiç hili zeper ýetirmeýär. Hindistanyň Tehnologiýa institutynyň hünärmenleriniň taýýarlan ýuka plastinkasynyň galyňlygy hem-de gözenekleriniň gurluşy adatdakylardan tapawutly. Täze önümi synag etmek üçin iki mikrofon, bir ses gataldyjy we täze taýýarlanan plastinkany ulandylar. Mikrofonlaryň biri ses gataldyjynyň, beýlekisi plastinkadan yzyna serpigen sesi ýazga geçirdi. Netijede, täze plastinka häzirki wagtda ulanylýan adaty plastinkalar bilen meňzeş netije görkezipdir. Bilermenler biologik babatda eräp ýok bolup gidýän bu materialy öndürmek üçin nebit-himiýa serişdelerine zerurlygyň ýokdugy sebäpli daşky gurşawyň arassa saklanmagyna goşant goşup biljekdigini aýdýarlar. Hünärmenler bu materialyň oda çydamly bolmagy üçin tagalla edýärler. Şeýle hem bu materialy öndürmek üçin beýleki ösümliklerden peýdalanmak göz öňünde tutulýar.

## Bildiriş

Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan Gözel Amangylyjowa berlen 0124792 belgili Şahsy tarapyň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnamanyň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 22-si, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-109810
Belgisi: 29/1491
Tiražy: 6728
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Akyldaryň okan mekdebi

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Dünýä möçberinde edebi mirasy gymmatly hasap edilýän Magtymguly Pyragynyň pikirleri gysga jümlede beýan edilip çuň, giň manyly çeper sözüň many gurşawlary, durmuş gözýetimleri, akyl başarnyklary we paýhas giňişlikleri bilen türkmen taryhynda täze, baý sahypalaryň açylmagyna badalga berdi.

Akyldar şahyr Özbegistanyň Hywa şäherindäki Şirgazy han medresesinde okapdyr. Hywa şäheri Görogly etrabynyň merkezinden 55 kilometr günorta-gündogarda ýerleşýär. Gadymy Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşen Hywa şäherindäki Içan kalanyň düzümine girýän taryhy desgalar 1990-njy ýylda ÝUNESKO-nyň dünýä ähmiýetli ýadygärlikleriniň sanawyna goşuldy.

Hywa taryhçylary Munisiniň, Agahiniň bellemegine görä, Şirgazy han Hywa hany Jantöre hanyň ogly bolupdyr. Şirgazy han Hywada 1715-1728-nji ýyllar aralygynda hanlyk edipdir. Onuň hanlyk eden döwründe gurluşyk işleri, halklaryň hyzmatdaşlyk gatnaşyklary we medeni ösüşler has-da rowaçlanypdyr. Şöhratly hanyň permany bilen Hywada 1716-1717-nji ýyllarda ylmy we jemgyýetçilik üstünliklerini dabaralandyrmak maksady bilen Içan-kala toplumynyň merkezinde Şirgazy han adyndaky medrese bina edilýär. Meýdany 30 gektara golaý bolan Içan-kalanyň çäginde taryhy desgalaryň 60-a golaýy ýerleşýär. Öz döwründe Merkezi Aziýa ýklymynda ulylygy boýunça ilkinji iň uly okuw jaýynyň biri hasap edilen Şirgazy han medresesi XIX asyryň ortalaryna çenli halka hyzmat edipdir. Medresäniň gurluşygynda üç çalşykda birbada 250-ä golaý işçi zähmet çekipdir. Bu ylmy ojagyň ortasynda dörtburç howly bolup, üç gapdaly bir gatly, öň tarapy (fasady) iki gatly edilip gurlupdyr. Öň tarapyndaky jaýyň birinji gatynda sapak geçilýän okuw otaglary, ikinji gatynda talyplar ýaşar ýaly hüjreler ýerleşdirilipdir.



Kaşaň, haşamly howlynyň merkezi böleginde howuz ýerleşip, töwereginde dürli görnüşli daragtlar ekilipdir. Howlynyň töwereginde beýik minara, meşhur şahsyýetleriň aramgähleri we namazhanalar ýerleşýär.

Bu meşhur okuw jaýynda Farabynyň, Birunynyň, Abu Aly ibn Sinanyň, Ulugbegiň, Fizulynyň, Nyzamynyň, Nowaýynyň, Sagdynyň, Ferdöwsiniň, Jamynyň, Omar Haýýamyň, Mahmyt Pälwanyň, Lutfynyň, Dehlewiniň, Babyryň, Unsurynyň, Enweriniň, Wepaýynyň, Baýram hanyň eserleri, traktatlary, dünýewi taglymatlary giňden öwredilipdir. Şirgazy han medresesinde, Mansur Hallajyň, Meşrep diwananyň, Rumynyň, Hafyzyň, Ýasawynyň, Attaryň, Rabguzynyň, ibn Arabyň, Harakanynyň, Kubranyň, Hekim atanyň hikmetleri, diwanlary, risalalary, tezkireleri, ýazuw ýadygärlikleri, edebi kyssalary, labyzly okamagyň, dürs ýazuwyň dürli kadalary kämil, baý ylmy-ahlak gözbaşlar hökmünde ilkinjileriň hatarynda okadylypdyr. Bilim başarnyklaryna we ylmy kämillige bolan teşneligi gandyran bu şöhratly okuw jaýynda Şibliniň, Nagyşbendiniň, Bistamynyň, Emräniň, Hallajyň, Nesiminiň, al-Gazalynyň, Edhemiň, Jüneýit Bagdadynyň, Bakyrganynyň, Garajaoglanyň, Ensarynyň, Hoja Ahraryň, Dürbegiň, sopy Allaýaryň mirasyna degişli bolan köpugurly ýygyndylar, gazallar, kytgalar, mesnewiler, rubagylar we olaryň çeper dünýägaraýyşlary, golýazmalary bilen tanyşmaga giň mümkinçilikler döredilipdir. Asyryň iň tanymal wekillerini özünde jemlän Şirgazy han medresesinde arap, hindi, türki, çagataý, pars, ýunan, özbek, azerbaýjan, garagalpak dillerindäki halk döredijiliginiň, yslam hukugynyň, taryhynyň, hasap, şerigat, magryfet, tarykat amallary we geçmiş medeniýetiň esaslary, ýazuwly edebiýatyň we sözleýiş kadalaryň, hal we tasawwufyň (akylyň iň kämil basgançaklary) syrlary, görnükli ýazuwly nusgalary, salgylanma tärleri, ynanç däpleri, terjimeçilik sungatynyň ýörelgeleri, sufizmiň sýužetli ýordumlary, hatdatçylyk sungatynyň nazary, amaly düzgünleri, köşk poeziýasynyň aýratynlyklary giňden tanyşdyrylypdyr. Öz döwründe ylmy döredijilik güýjüň ähli çeşmelerini özünde toplan we medeni durmuşyň sütüni, ojagy hasap edilen Şirgazy han medresesi abraýy we meşhurlygy, bilim derejeleriniň basgançaklaryna kämilligi boýunça we ylmy medeniýetiň mertebeli mekany hökmünde XVIII asyryň birinji ýarymynda, ortalarynda Hyrat, Hemedan, Balh, Samarkant, Bagdat, Buhara, Nişapur, Basra şäherlerinde ýerleşýän okuw jaýlaryndan hem öňe saýlanandygy ylmy edebiýatlarda bellenilýär. Özbek alymy H. Abdullaýewiň, K. Kurambaýewiň, S. N. Şükürullaýewanyň işlerinde Magtymgulynyň Şirgazy han medresesinde okan döwründe Nury Kazym ibn Bahr, Rownak, Nişaty, Rakim ýaly döwrüniň tanymal alymlary, ylym dünýäsiniň pälwanlary bilen hyzmatdaşlyk saklandygy bellenilip geçilýär. Bu ýerde talyplaryň ylmy nukdaýnazardan döwrebap çemeleşmeleri üçin bilimleriň 40 ugruna degişli edebiýatlar we gollanmalar bilen üpjün edilipdir. Alymlaryň berýän maglumatlaryna görä, öz döwründe Gaýyby, Zunuby, Şakandy, Magrupy, Misgingylyç, Kemine, Mollanepes, Şeýdaýy, Mätäji, Zelili, Seýdi, Çary Afzal ýaly danalar hem okapdyrlar, zyýarat saparlaryny edipdirler. Iki doganlyk halkyň medeni hyzmatdaşlygynyň bitewüligini, gadymylygyny, köpöwüşginliligini, durmuş, edebi ykballaryň meňzeş hem-de umumy sahypalaryny, toplanan tejribelerini giňden dabaralandyrýan bu ylmy ojakda soňky 100 ýylda 3 gezek düýpli abatlaýyş işleri geçirilip uzak ýyllardan bäri muzeý, taryhy-medeni arhitektura ýadygärligi hökmünde, toplumyň çeper binagärçilik ansambly, meýdançasy Orta asyrlara degişli bolan çeper, dokumental filmleriň surata düşürilýän amatly toplumy bolup hyzmat edýär. Bu ýerde türkmen halkynyň medeniýetiniň kino, şekillendiriş, amaly-haşam, taryhy we edebi mirasyna degişli onlarça gymmatly eksponatlary görmek bolýar. Şirgazy han medresesi barada alymlar A. N. Samaýlowiçiň, B. A. Garryýewiň, M. Annamuhammedowyň, G. P. Snesarýewiň, Ý. S. Ahmetgaliýewanyň, M. Kösäýewiň, R. Rejepowyň, G. Mülliýewiň, S. A. Garryýewiň, A. Mämmedowyň, R. Mustakowyň ylmy işlerinde gymmatly maglumatlar duş gelýär. Tanymal ýazyjy-şahyrlarymyz A. Gowşudowyň, G. Gurbansähedowyň, T. Taganowyň, G. Kulyýewiň, B. Kerbabaýewiň, B. Seýtäkowyň, B. Hudaýnazarowyň, A. Haýydowyň, A. Atajanowyň, A. Agabaýewiň şahyrana we proza eserlerinde, kyssalarynda, ýolýazgylarynda Şirgazy han medresesini çeper şöhlelendirýän epizodlara, keşplere duş gelmek bolýar. Iki gadymy türkmen-özbek halklarynyň joşgunly bilim derýasynyň sahawatly kenarlarynyň, dostluk owazlarynyň, goňşuçylyk derwezeleriniň janly we jadyly gözelliklerini alyslara aşyrýan Şirgazy han medresesine 2018-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda türkmen wekiliýetiniň saparynyň bolmagy hemmämizi buýsandyrdy. Bagtyýarlygyň dostluk nahallary bu günki gün gadymy Jeýhunyň kenarlarynda jomartlygyň melhem suwlaryndan bereket tapyp, hormatly Prezidentimiziň, Arkadagly Serdarymyzyň saýasynda ýürekdeş doganlyga esaslanýan hyzmatdaşlyklar, geçmişden bagtly geljege uzaýan gatnaşyklar has-da pugtalanýar.

Akyldar şahyr özüniň 10 bentli «Gözel Şirgazy» şygrynda bu meşhur okuw jaýynyň mukaddesligini «Sende tälim aldy açyldy dilim», «Seljerer men indi agy-garany», «Aklym gysga erdi, käsäm gaýnady», «Ylym-tälim algan seni unutmaz», «Dahan içre asalzyban ezer men», «Kämil bolup serenjamlyk kylyp men», «Daýym unutmaz men tylla gapysyn» ýaly şirin setirler bilen sarpalaýar. Muny akyldar şahyryň:

***Mekan eýläp, üç ýyl iýdim duzuňy,***
***Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy.***
***Ötürdim gyşyňy, nowruz-ýazyňy,***
***Gider boldum, hoş gal, gözel Şirgazy***

diýen setirleri hem tassyklaýar. Magtymguly Pyragynyň poeziýasynyň şahyrana-çeperçilik däplerini, täzeçillik gözleglerini, pähim ussatlygyny öwrenmäge we wagyz etmäge giň mümkinçilikler döredýän hormatly Prezidentimiziň, Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan döwletli işleriniň rowaç, janynyň sag, mertebesiniň belent bolmagyny arzuw edýäris.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# Döwrüň derwaýys meselesi

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Saparyň çäklerinde Merkezi Aziýanyň serhetüsti derýalarynyň suw serişdelerini adalatly we rejeli peýdalanmak babatda netijeli gepleşikleri dowam etmek we Amyderýanyň suw serişdelerini dolandyrmak, goramak we rejeli peýdalanmak barada ylalaşdylar.

Şeýle hem taraplar Aral heläkçiliginiň täsirine düşýän etraplary ekologiýa taýdan sagdynlaşdyrmaga gönükdirilen ekologiýa hem-de ylmy-tehniki taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmekde Araly halas etmegiň Halkara gaznasy bilen Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hyzmatdaşlyk etmeginiň zerurdygyny bellediler.

Daşky gurşawy goramak, durnukly ösüşi gazanmakda halkara tagallalara ýardam bermek döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň örän möhüm bölegidir. Ekologiýa çäreleri bu gün ýurdumyzyň ykdysady taýdan ösmeginiň täze şertine, tutuş halk hojalygynyň tebigatdan peýdalanmagynyň täze nusgasyna geçmegi üçin binýada öwrülýär.

Ýurdumyzyň demirgazygynda ýerleşýän Daşoguz welaýaty tutýan meýdany boýunça 73 430 inedördül kilometr meýdany eýeläp, Aral deňziniň täsirine has ýakyn sebit bolup durýar. Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň bähbidine milli hem-de ählumumy derejede welaýatymyzyň ähli şäherleriniň we obalarynyň töwereginde gök zolaklaryň döredilmegini göz öňünde tutýan uzakmöhletleýin bag ekmek maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Daşoguz welaýatynyň ekologiýa ýagdaýyny sagdynlaşdyrmak üçin biziň döwletimiz tarapyndan suw üpjünçiligini gowulandyrmak, ýerleriň şorlaşmagyna garşy göreşmek boýunça ençeme taslamalar durmuşa geçirilýär.

Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň çägindäki Bötendag belentliginiň töwereginde zyýanly tozanlaryň öňüni almak maksady bilen 20 müň gektarlyk tokaý zolagynyň düýbüniň tutulmagy bilen bu ýerde Aral deňzinden göterilýän duzly tozanyň öňüni almak maksady bilen şorlaşan topragly ýerlerde gyrymsy we ýarym gyrymsy ösümlikler oturdyldy we bu işler dowam etdirilýär.





Ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet ekologiýa syýasatynyň esasy maksady türkmen halkynyň arassa daşky gurşawda ýaşamagyny üpjün etmekden hem-de tebigy baýlyklarymyzy rejeli peýdalanmakdan, geljekki nesillerimize has gözel görnüşde ýetirmekden, bu ugurda sebit we halkara derejede ygtybarly hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasynda we Milli tokaý maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek, eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, ösümlik we haýwanat dünýäsini baýlaşdyrmak, gözel tebigatymyzy aýawly saklamak boýunça döwletimiz tarapyndan giň möçberli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Çölleşmäge garşy göreşmek, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak babatda hem uly işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynyň suwarymly ýerlerinden şor-zeý suwlaryny ýygnamak üçin Garagumuň merkezinde «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagy bilen, ýaşalýan ýerlerden şor we zeý suwlary sowýan akabalar ýeke-täk bir suw ulgamyna birikdirildi. Birnäçe ýyl geçensoň, tebigy biologik ýagdaýlaryň netijesinde suw kabul ederlikli kadalara çenli arassalandy, ol ýerde ösümlikleriň, balyklaryň we guşlaryň köp görnüşi peýda boldy.

Şular ýaly görlüp-eşidilmedik taslamalary amala aşyryp, biziň ýurdumyzyň bütin dünýä üçin geljege gönükdirilen «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmegiň iň işjeň merkezleriniň birine öwrülmegi üçin zerur bolan şertleriň ählisi döredilýär. Ilatyň saglygyny ekologiýa howplaryndan goramak babatda öňdebaryjy bolmak bilen, gazna oýlanyşykly, sowatly meýilleşdirmegiň we dizaýnyň, iň täze tehnologiýalaryň ulanylmagynyň daşky gurşawy iň oňat geljegiň bähbidine adamlaryň saglygyny goramagy üpjün etmek arkaly ykdysady ösüşlere mümkinçilik berýändigi baradaky ynamy öňe sürýär.

Ýurdumyz ösüşiň hem-de rowaçlygyň täze tapgyryna gadam goýýar. Agzybirligiň we jebisligiň höküm sürýän ýerinde bolsa ýetilmejek sepgit, gazanylmajak ýeňiş ýokdur. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş şygarly Gahryman Arkadagymyzyň belent başlangyçlaryny dowamat dowam edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, belent başy aman bolsun! Tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Ilaman ÖWEZOW,**
*Daşoguz şäherindäki Halkara howa menziliniň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

# Gülküli sahnalaryň ussady

*Türkmen teatrynyň sahnasynda halkyň aňyndan çykmajak keşpleri döredip, öz ýaşan döwürlerinde ykballaryny teatr hem kino sungatyna bagyşlan halypa artistlerimiziň döredijilik ýollaryny ýaş zehinli artistler dowam edýärler. Olaryň köpüsi şol halypalaryň döredýän keşplerini synlap, olara guwanyp sungat älemine ätlän bolsalar, köpüsi şol halypalar bilen egin-egne berip, sahna çykyp keşp janlandyran artistlerdir. «Şägirt halypadan ozdurmasa kär ýiter» diýlişi ýaly, şol ussat halypalaryň şägirtleriniň hem sahnada keşp janlandyryşlaryny synlanyňda halypa artistler göz öňüňe gelýär. Ýaş zehinli artistleriň hem özlerine ynanylan keşpleri ussatlarça janlandyryşlaryna guwanýarsyň. Şeýle artistleriň biri, ýurdumyzyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda döredijilikli zähmet çekip ýören Türkmenistanyň at gazanan artisti Şat Halykow bilen söhbetdeş bolup, onuň durmuş we döredijilik ýoly bilen okyjylary tanyşdyrmagy makul bildik.*









1973-nji ýylda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Çäşdepe daýhan birleşiginde dünýä inen Şat obalaryndaky 19-njy orta mekdepde okaýarka türkmen dili, edebiýat, taryh, bedenterbiýe we aýdym sapaklaryna işjeň gatnaşypdyr. Şonuň ýaly-da ol oba klubynyň çeper höwesjeňlerine-de goşulyp, olar bilen hem aýdym aýdýar eken. Şat Halykowyň sungat älemine aralaşmagyna Türkmenistanyň halk artisti, dutarçy sazanda Han Akyýewiň hem täsiri uly bolupdyr. Şat kiçilikden daýysynyň saz çalşyny ürç edip synlar eken. Daýysy ýegeniniň dutar çalmaga höwes edişini duýup, ony ýanynda alyp galyp, dutarda saz çalmagyň inçe tilsimlerini öwredip başlaýar. Ýöne Şadyň kakasy oglunyň sazanda däl-de, artist boljagyna ynanypdyr.

Şat 1991-nji ýylda Aşgabatdaky Gara Seýitliýew adyndaky medeni aň-bilim tehnikumynyň «Halk teatrynyň režissýory» bölümine okuwa girýär. 1993-nji ýylda bolsa Türkmen döwlet medeniýet institutynyň «Teatr sungaty» fakultetiniň drama we kino aktýory bölüminde okuwyny dowam edýär. Bu ýokary okuw mekdebinde oňa halypa artistler Nurmuhammet Keşşikow, Oguldurdy Mämmetgulyýewa, Oguljan Nyýazberdiýewa, şeýle-de Öwlýäguly Kulyýew, Durdy Nyýazow dagylar teatr we kino sungaty, aktýor ussatlygy boýunça sapak berýärler. 1998-nji ýylda instituty üstünlikli tamamlan Şat Halykowy Lebabyň Seýitnazar Seýdi adyndaky sazly drama teatryna işe ýollaýarlar. Bu teatryň sahnasynda oňa «Baýram han» spektaklynda Ekber Şanyň, «Geçi dawasy» spektaklynda bolsa Merdan atly ýigidiň keşbini janlandyrmagy ynanýarlar. Ol bu ýerde az wagt zähmet çekensoň harby gulluga gidýär. 2002-nji ýylda harby gullugy tamamlap gelen Şady ýurdumyzyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatryna işe çagyrýarlar. Bu teatryň sahnasynda ol ençeme sahna oýunlarynda keşp janlandyrýar. «Talyp söýgüsinde» Keltäniň, «Ykbal öwrümlerinde» Maksyň, «Arşyn mal alanda» Weliň, «Demir aýalda» Goçkar ekäniň, «Agzybirlik ýylysydyr ojagyň» spektaklynda Merdanyň, «Toýumyza gel, toýumyza» spektaklynda Tamadanyň, «Başy boş baý gelinde» telekeçiniň, «Etme oglan sen oýun» atly sahna oýnunda bolsa Myllygyň keşbi oňa şöhrat getiren keşpler bolupdy. Soňky agzalyp geçilen spektaklda Şat öz ýanýoldaşy Bägül Halykowa bilen bile çykyş edýär. Olar ýokary okuw mekdebinde bile okap, institutyň 4-nji ýyllyk talybykalar durmuş toýuny tutýarlar. Spektaklda bolsa Bägül Myllygyň göwün berip, soň goş birikdirýän gyzy Tokganyň keşbini janlandyrýar.

«Demir aýal» spektaklynda Goçkar ekäniň keşbini janlandyryşy barada Şat şeýle belleýär:

– Men bu sahna oýnuny Mollanepes adyndaky akademiki drama teatrynyň sahnasynda öň görüpdim. Şonda Goçkar ekäniň keşbini meşhur artistler Ýagşymyrat Akyýew bilen Annamyrat Myradow janlandyrýardylar. Men olaryň ikisiniň hem Goçkar ekäniň keşbini janlandyryşlaryny synlapdym. Olaryň ikisi hem gülküli sahnalaryň ussady bolansoň biri-birinden gowy oýnaýardylar. Şol halypalaryň Goçkar ekäniň keşbini ýerine ýetirişleri meniň aňymdan hem göz öňümden gidenok. «Demir aýalyň» baş keşbinde Oguldurdy Mämmetgulyýewa çykyş edipdi. Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda bolsa Bägül Halykowa janlandyrdy. Olaryň ikisem dogumly häsiýeti bilen biri-birine meňzeýärler.

Şat Halykow diňe bir teatryň sahnasynda keşp döretmek bilen çäklenmän, eýsem, kino sungatynda hem birnäçe keşpleri ýerine ýetirdi. Onuň Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde kinorežissýor D. Nyýazowyň surata düşüren «Düýeguş», «Laçyn», «Ahmyr» atly çeper filmlerinde, şeýle-de kinorežissýor M. Orazowyň surata düşüren «Magtymguly» atly çeper filminde döreden keşpleri öwgä mynasyp keşpler boldy.

Şat Halykow «Miras» teleradioýaýlymynyň edebi drama bölüminde režissýor Tirkiş Garaýewiň surata düşüren köp bölümden ybarat bolan gülküli sahnalarynda hem çykyş edip gelýär.

Şat Halykow köptaraply artistleriň biri bolup, onuň esasy ugry gülküli sahnalar bolup durýar.

Türkmen teatr sungatyny ösdürmäge goşan goşandy üçin zehinli artist Şat Halykowa 2000-nji ýylda Türkmenistanyň Ýaşlar baýragy berilýär. 2009-njy ýylda bolsa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly at dakylýar.

Şat Halykowyň bagtly hem döwletli sungat maşgalasy bar. Ol ýanýoldaşy Bägül Halykowa bilen üç gyzy, bir ogly terbiýeläp ýetişdirdi. «Ata kesbi ogla halal» diýlişi ýaly, Şadyň 7-nji synpda okaýan ogly Hajymyrat gitara saz guralynda saz çalmaga höwes edýär.

– Döredijilik işgärlerine sarpa goýýan hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza biz üçin edýän atalyk aladasyna tüýs ýürekden minnetdarlygymyzy bildirmek bilen, berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli ähli işlerinde hemişe rowaçlyklary arzuw edýäris – diýip, Şat Halykow buýsanjyny biziň bilen paýlaşdy.

Biz hem onuň alkyşly sözlerine goşulyp, bu sungat maşgalasyna döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*kino sungatyny öwreniji.*

«Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça 2020-2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy» hereketde

## Gök önümleri gaplamak üçin maslahatlar

Bereketli türkmen topragyndan öňýän gök-bakja we miwe önümleri özüniň tagamlylygy, ýokumlylygy, şonuň bilen birlikde hem dermanlyk häsiýeti bilen aýratyn tapawutlanýar. Hut şonuň üçin hem ýylyň islendik paslynda bu önümleriň bolçulygyny döretmek maksady bilen ýurdumyzyň ähli künjeginde giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Ter miweler we gök önümler witaminleriň, minerallaryň we kletçatkalaryň baý çeşmesi bolup, biziň gündelik iýmitimiziň esasyny düzýär.



Miweleri we gök-önümleri iýmezden ozal, olary akar suwda gowy edip ýuwmaly, şeýle hem zeper ýeten gök önümleri aýyrmaly. Gök önümleri ýuwup sowadyjyda goýmaly däl. Çygly önümlerde bakteriýalar, mikroblar çalt köpelýärler. Gök önümleri gaplamak üçin doly bişmediklerini saýlap almaly. Gök önümleri gaplamazdan ozal, olary gowy edip akar suwda ýuwmaly we aýna bankalary hem gowy ýuwup, olaryň abatlygyny barlamaly. Soňra aýna bankalaryň içi gaýnap duran suwuň üstünde başaşak goýlup, 20-30 minut bugda saklanmaly. Şeýle hem gapaklary mazaly ýuwup, gaýnan suwa salyp goýmaly. Aýna banka suwdan aýrylandan soň içine gowy ýuwlan abat gök önümleri, islege görä, lawr ýapragyny, dürli otlary salyp, üstüne gaýnan suw, duz, sirke turşusyny guýmaly we gapagyny mäkäm ýapmaly. Gaplanan bankalary suwly pitiniň içine salyp gaýnatmaly. Soňra bolsa, bankalary garaňky ýerde düňderip goýup, üstüni basyrmaly.

Heň düşen duzlanan gök önümleri iýmek maslahat berilmeýär. Konserwirlenen gök önümleri salkyn, garaňky ýerde saklamaly.

Şeýle hem ter miweleri doňduryjyda hem uzak wagtlap saklap bolar. Onuň üçin miweleri polietilen gaba salmaly we howasyny çykarmaly.

**Tawus GYZYLOWA,**
*Aşgabat şäherindäki Bejeriş-sagaldyş hassahanasynyň lukmany.*

## Tomsuň jöwzaly yssysyndan goranyň!

Tomus möwsüminde howanyň aşa gyzmagy netijesinde Günüň ýiti şöhlesinden hökman goranmaly. Irden sagat 09:00-a çenli we öýlän howanyň salkynlaşan mahaly 18:00-dan soň möwsüme görä açyk reňkli, nah matadan tikilen eşikleri geýmek, Günüň şöhlesinden goranmak üçin başgap geýmek, ýaglyk daňynmak, saýawan götermek, arassa agyz suwuny ýanyňyz bilen almak maslahat berilýär. Şeýle-de, günüň dowamynda gerekli mukdarda 1,5-2,5 litre çenli arassa agyz suwuny içmeli. Tomsuň yssy günlerinde



daglara, açyk meýdanlara gezelençleri guramazlyk, açyk meýdanda işleýän adamlara möwsüme görä geýinmek maslahat berilýär. Gartaşan we dowamly keselleri bolan adamlar lukman gözegçiliginde bolmaly. Gan basyşyny, gandaky süýjiniň mukdaryny gözegçilikde saklamaly, lukman tarapyndan bellenilen derman serişdelerini we bejeriji berhiz saçagyny doly we dogry berjaý etmeli. Kiçi ýaşly çagalary howanyň aşa gyzan mahaly daşaryk gezelenje çykarmak maslahat berilmeýär.

Şeýle hem ýurdumyzda hereket edýän şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini doly we dogry berjaý etmeli. Elleri hemişe arassa saklamaly hem-de aram-aram üzärlik dermanlyk ösümligini ulanyp, iş we öý otaglarynyň howasyny çalşyp durmaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

# Prezident saýlawlary geçirildi

18-nji iýulda Hindistanda Prezident saýlawlary geçirildi. Prezidentlige iki dalaşgär - «Milli Demokratik Bileleşikden» Draupadi Murmu we «Bütin Hindistan Trinamul» partiýasyndan Ýaşwant Sinha dalaş etdi. Saýlawçylar toparyna parlamentiň aşaky we ýokarky palatasynyň, şeýle hem 28 ştatyň sebit parlamentleriniň 4,8 müň wekiliniň girýändigi habar berildi.

21-nji iýulda ähli býulletenler paýtagta getirilip, sesleriň sanawy başlandy. Sesleri sanamak gaty çylşyrymly bolup, her bir saýlawçynyň sesiniň wekilçilik edýän ştatynyň ilatyna baglylykda aýratynlygy bar. Häzirki Prezident Ram Nath Kowindiň ygtyýarlyk möhleti 24-nji iýulda gutarýar. Konstitusiýa laýyklykda, bellenen senede täze Prezident saýlanyp, 25-nji iýulda kasam kabul etmelidir.

Hindistanyň Prezidenti milletiň Lideri hasaplanýar. Ol ýurduň Baştutany hem-de ýokary serkerdebaşysydyr. Şeýle-de



bolsa, ol diňe wekilçilikli wezipeleri ýerine ýetirip, ýurtdaky hakyky güýç Premýer-ministriň ygtyýarynda. Onuň esasy wezipelerine ýurduň Konstitusiýasyny we kanunçylygyny goramak girýär. Hindistanyň Prezidenti bäş ýyl möhlet bilen saýlanýar.

# Ýakyn Gündogara ilkinji sapary

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Jozef Baýden wezipesine girişenden 18 aý soň Ýakyn Gündogara ilkinji saparyny Iýerusalimden başlady. 13-nji iýulda Baýden Ysraýylyň Premýer-ministri Ýair Lapid we Prezident Ishak Gersog, şeýle-de Palestinanyň Prezidenti Mahmud Abbas bilen gepleşikler geçirdi. Baýden Abbas bilen bolan duşuşygynda Palestina halkyna deň derejede howpsuzlyk, erkinlik we mümkinçilik döredýän çözgütleri goldaýandygyny aýtdy.

Bu saparynyň çäginde ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden, ilkinji gezek Saud Arabystanyna resmi sapar bilen bardy. ABŞ-nyň Prezidentini Jiddadaky Al-Salam köşgüniň öňünde mirasdüşer şazada Muhammed ben Salman garşy aldy. Ýurduň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Saudyň we Jozef Baýdeniň arasyndaky duşuşykda ikitaraplaýyn gatnaşyklar, Ýakyn



Gündogardaky ýagdaý we global energiýa bazaryndaky durnuklylyk meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şazada Muhammed ben Salman bilen bolan duşuşykda sebit howpsuzlygy we energiýa meseleleri boýunça pikir alyşmalar boldy.

Baýdeniň 15-nji iýulda Saud Arabystanyna eden sapary wagtynda taraplar birnäçe ugurlarda 18 sany şertnama hem-de hyzmatdaşlyk baradaky beýannama gol çekdiler. «Saud Arabystanynyň energetika, maýa goýum, aragatnaşyk we saglygy goraýyş ministrleri amerikaly kärdeşleri bilen 18 şertnama baglaşdylar. Bu şertnamalar maýa goýum, energiýa, maglumat tehnologiýasy, kosmos we saglygy goraýyş pudaklarynda bilelikdäki hyzmatdaşlyga täze mümkinçilikler açýar» diýlip, beýanatda aýdylýar.

Şeýle-de, 16-njy iýulda Jozef Baýden Aýlak hyzmatdaşlygy geňeşiniň sammitine gatnaşdy. Saud Arabystanynyň, Bahreýniň, Omanyň, Kataryň, Kuweýtiň we Birleşen Arap Emirlikleriniň liderleriniň gatnaşan bu maslahatynda Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar we global energiýa çökgünligi ara alnyp maslahatlaşyldy.

# DÜNÝÄ HABARLARY
## gysga setirlerde

► **Indiki saýlawlara gatnaşmakçy.** ABŞ-nyň «The Washington Post» gazeti habarly çeşmelere salgylanyp, Ak Tamyň öňki ýolbaşçysy Donald Trampyň ýene-de Prezidentlige dalaş etmek niýetiniň bardygyny mälim etdi. Neşiriň habaryna görä, Tramp sentýabr aýyndan başlap prezidentlik bäsleşigine gatnaşjakdygyny resmi taýdan yglan eder.



► **Gumilýowyň golýazmalary satyldy.** Moskwanyň «Litfond» auksionynda rus şahyry Nikolaý Gumilýowyň (1886-1921) çap edilmedik haty hem-de «Androgyn», «Mejnun» atly goşgulary ýazylan iki golýazmasy 6,5 million rubla satyldy. Bu barada «Litfond» auksion öýüniň metbugat gullugy habar berdi.



► **Hümmeti dollar bilen deňleşdi.** Golaýda 20 ýylyň içinde ilkinji gezek biržada garaşylmadyk ýagdaý bolup, ýewronyň hümmeti dollar bilen deňleşdi. Şunlukda, iki pul birliginiň hümmeti 1:1 gatnaşyga deň boldy, bu ýagdaý iki onýyllykdan bäri ilkinji gezek hasaba alynýar.



► **Wan Goguň awtoportreti.** Şotlandiýanyň Milli galereýasy tarapyndan Wan Goguň ozal näbelli bolan suratynyň üsti açyldy. Suratkeşiň «Daýhan zenan» atly kartinasynyň arka tarapyndaky ýelim we karton gatlaklarynyň arasyndan ýüze çykarylan bu şekil rentgen şöhleleriniň kömegi bilen anyklanyldy.



► **Güýmenenler üçin ýol yşygy.** Gonkongda köçeden geçýän wagty smartfonyna güýmenýänler üçin ýörite ýolyşyklar döredildi. Bu barada «Hong Kong Free Press» neşiri habar berdi. Täze enjamyň artykmaçlygy gyzyl we ýaşyl yşyklarynyň ýanýodada köçeden geçmäge taýýarlanýan pyýadalaryň göni ýüzüne düşýänligindedir.



► **Ýüz ýyllyk daragtdaky kitaphana.** ABŞ-nyň Aýdaho ştatynyň ýaşaýjysy Şereli Armitaž Goward tarapyndan adaty bolmadyk sungat eseri döredildi. Bu zenan ýaşy 100 ýyla deň bolan çüýrän agajy kesmän, ony kiçiräk kitaphana öwürdi. Häzirki wagtda bu etrapdaky ähli ýaşaýjylar üçin kitaphana mugt hyzmat edýär.



► **Täze rekord goýdy.** «Türk Howaýollary» (THY) bir günde 260 müňden gowrak ýolagçy äkitdi. Şeýlelikde, uçarlardaky orunlaryň dolujylygy rekord derejä – 87 göterime ýetdi. Rekordyň 15-nji iýulda täzelenendigi bellendi. Şol gün «Türk Howaýollarynyň» taryhynda iň köp ýolagçy hasaba alyndy.



► **50 ýyldan soň tapyldy.** Kaliforniýadaky kölde suwa düşüp ýörkä, mekdep ýyllarynda dakynan ýüzügini ýitiren amerikaly Dana Skott Lafin, 53 ýyldan soň ol ýere balyk tutmaga baran maşgalanyň kömegi bilen ýüzügine gowuşdy. Zenan 1969-njy ýylda Berriessa kölünde suwa düşüp ýörkä, ýüzügini ýitirendigini aýtdy.



► **Ilkinji ýük howa menzili.** Hytaýyň Hubeý welaýatynyň Eçžou şäherinde Aziýanyň ilkinji ýörite ýük howa menzili «Huahu» açyldy. Bu howa menzili arkaly ýük we ýolagçy gatnawlary amala aşyrylar. Öňümizdäki aýlarda bu howa menzilinden ýük uçarlarynyň Şanhaýa, Şençžene, Frankfurta we Osaka uçup başlamagy meýilleşdirilýär.



► **Bir hoşasy 12,7 müň dollar.** Ýaponiýada geçirilen auksionda seýrek duşýan «Ruby Roman» üzüminiň bir hoşasy 1,4 million ýene (12,7 müň dollar) satyldy. Bu barada «Kyodo News» neşiri habar berdi. Auksion 15-nji iýulda üzümiň bu görnüşiniň ösdürilip ýetişdirilen ýeri Kanadzawa şäherinde geçirildi.



# BRIKS-e goşulmagy meýilleşdirýär

Saud Arabystany, Müsür we Türkiýe BRIKS-e goşulmaga taýýarlanýar. Bu barada BRIKS halkara forumynyň başlygy Purnima Anand habar berdi. Onuň sözlerine görä, bu baradaky maslahat we käbir döwletler baradaky gutarnykly karar 2023-nji ýylda guraljak sammitde kabul edilip bilner.

Purnima Anand bu ýurtlaryň goşulmaga gyzyklanma bildirýändiklerini we agzalyk üçin ýüz tutmaga taýýardyklaryny aýtdy. Ol bu tagallalaryň BRIKS-iň dünýädäki täsirini artdyrjakdygyna ynanýar. Ol mundan başga-da, Türkiýäniň, Müsüriň we Saud Arabystanynyň gurama goşulmagynyň tiz amala aşyrylmalydygyny belledi. Şeýle-de bolsa, goşulmak bir wagtda başa barmaz. BRIKS liderleriniň soňky sammitinde bu mesele Hytaý, Russiýa we Hindistan tarapyndan ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maý aýynyň ortalarynda Hytaýyň daşary işler ministri Wan I Hytaý tarapynyň BRIKS-i giňeltmek işine başlamagy teklip edýändigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, bu



ýagdaý guramanyň aç-açanlygyny we köp ugurlylygyny görkezmäge, ösýän ýurtlaryň garaşýan zatlaryna jogap bermäge, birleşigiň wekilçiligini, täsirini ýokarlandyrmaga, parahatçylygy we ösüşi goramaga has uly goşant goşar. Häzirki wagtda BRIKS-e Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý we Günorta Afrika Respublikasy girýär.



# Çernogoriýa täze ýol gurýar

Çernogoriýada gurluşygy başlan wagtyndan ýedi ýyl soň, port şäheri Bar şäherini Serbiýa bilen serhet arkaly birleşdirýän gymmat bahaly ulag ýolunyň birinji bölegi açyldy. Dabara Prezident Milo Jukanowiç we Premýer-ministr Dritan Abazowiç gatnaşdy.

800 million ýewrolyk taslamanyň 2019-njy ýyla çenli tamamlanmagyna garaşylýardy. Emma pandemiýa we tehniki meseleler sebäpli gurluşygyň tamamlanmagy birnäçe gezek yza süýşürildi. Çernogoriýanyň habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryna görä, wagtyň geçmegi bilen taslamanyň bahasy 1,3 milliard ýewro çenli ýokarlandy.

Bu taslama Hytaýyň ýol gurluşyk kompaniýasy tarapyndan amala aşyrylýar. Bu taslamany amala aşyrmak üçin Çernogoriýa Pekiniň bankyndan 810 million dollar karz aldy. Bar-Bolýare ulag ýolunyň birinji böleginiň uzynlygy 41 kilometre barabardyr. Bir hepdeläp onuň üstünden geçmek tölegsiz boldy. Premýer-ministriň sözlerine görä, Çernogoriýa täze awtoulag ýoluny açmak bilen özüniň geljegini açýar.

Çernogoriýa günorta-gündogar Ýewropadaky, Balkan ýarym adasynyň günbataryndaky döwlet. Slawýan döwletleriniň arasynda, şeýle hem Balkan ýarym adasynda eýeleýän meýdany boýunça iň kiçisi bolup, ilaty 621 müň 873 adama deňdir. Çernogoriýa 2010-njy ýylda Ýewropa Bileleşigine goşulyşmaga dalaş edýän ýurduň resmi derejesine eýe boldy.

# Saýlawçylaryň sanyny hasaba aldy

Braziliýada ählumumy saýlawlaryň birinji tapgyry şu ýylyň 2-nji oktýabryna meýilleşdirilip, onuň dowamynda ýurduň Prezidenti, wise-prezidenti, Milli kongresiň agzalary, häkimler, häkimiň orunbasarlary, ştatlaryň kanun çykaryjy edaralarynyň ýolbaşçylary, federal etrap kanun çykaryjy palatasynyň hem-de Fernando-de-Noronýa etrap geňeşiniň wekilleri saýlanar.

Braziliýanyň ýokary saýlaw kazyýetiniň maglumatlaryna görä, şu ýyl umumy saýlawlarda 156,4 million adamyň ses bermäge hukugy bolup, munuň 2018-nji ýyldakydan 6,21 göterim köpdügi habar berilýär. Şeýle hem maglumatlar Braziliýanyň taryhynda hasaba alnan saý-




lawçylaryň iň uly mukdaryny görkezýär. Esasan hem, daşary ýurtlardaky saýlawçylaryň sanynyň 39,21 göterim ýokarlanmagyna garaşylýar.

Saýlaw uçastoklary ýurduň 5570 häkimliginde we daşary ýurtlardaky 181 konsullyklarynda guralar. Braziliýada 18 ýaşdan ulular üçin ses bermek hökmany we 70 ýaşdan ýokary adamlar üçin hökmany däl hasaplanýar. Pikir soralyşyklara görä, öňki Prezident Luiz Inasio Lula da Silwa, häzirki döwlet Baştutany Žair Bolsonarodan 10 göterim köp ses alyp, prezidentlik bäsleşiginde öňde barýar.

Günorta Amerikada ýerleşýän bu ýurt meýdany boýunça dünýäde bäşinji we ilat sany boýunça hem ýedinji orunda (209 milliondan gowrak) durýar.

# ŞHG-ä girmek üçin ýüz tutdy

Belarus Respublikasy Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna (ŞHG) agzalyga girmek üçin arza berdi. Bu barada Özbegistanyň daşary işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Wladimir Norow habar berdi.

– Eger gutarnykly karar kabul edilse, sentýabr aýynda geçiriljek Samarkant sammitinde Belarusuň ŞHG-ä agzalyga kabul edilmeginiň tertibi başlanar – diýip, Norow belledi. Ol Belarusuň ýüztutmasynyň eýýäm agza ýurtlara iberilendigini sözüniň üstüne goşdy.

Şeýle-de, Samarkant sammitinde 2012-nji ýyldan bäri guramada synçy derejesine eýe bolan Eýranyň ŞHG-ä agzalyga kabul ediljekdigi habar berilýär. Häzirki wagtda Belarus Respublikasy we Eýran Yslam Respublikasy ŞHG-de synçy derejesine eýe.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy 2001-nji ýylda döredildi. Onuň hemişelik agzalary sekiz döwlet: Hindistan, Gazagystan, Hytaý, Gyrgyzystan, Pakistan, Russiýa, Täjigistan we Özbegistan. Belarusdan başga-da, Owganystan, Eýran we Mongoliýa synçy ýurtlar derejesine eýe bolup, Azerbaýjan, Ermenistan, Kamboja, Nepal, Türkiýe we Şri-Lanka hyzmatdaş ýurtlar derejesine eýedir. Şeýle-de, bu gurama agza sekiz ýurduň liderleriniň ählisiniň sentýabr aýynda Samarkantda ge-



çiriljek sammite gatnaşjakdygy tassyklandy. Ýöne çäräniň görnüşi entek kesgitlenmedi. Bu barada guramanyň Baş sekretary Çan Min metbugat ýygnagynda aýtdy.

ŞHG-ä girýän ýurtlaryň umumy meýdany 34 million inedördül kilometrden gowrakdyr. Bu bütin Ýewraziýanyň 60 göterimine barabar. Bileleşigi düzýän ýurtlarda jemi 3,4 milliarddan gowrak ilat ýaşaýar. Bu Ýer togalagynyň ilatynyň ýarysyna golaýdyr. Dünýäniň jemi içerki önüminiň dörtden biri ŞHG ýurtlarynyň paýyna düşýär.

# Bir ýüzükdäki göwherler

Hindistanyň zergärçilik kompaniýasynyň ýasan ýüzügi Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Zergärler bir ýüzüge 24 müň 679 göwher dakmagyň hötdesinden geldiler. Bu barada «Indian Express» neşiri ýazýar.



«SWA Diamonds» kompaniýasynyň ussat hünärmenleri «Ami» atly haşamly uly ýüzügi ýasadylar. Sanskrit dilinde ol «Ebedilik» diýen manyny berýän ýüzügiň dizaýny gülgüne kömeleklere esaslandy.

– Bu kömelek bakylygy we uzak ömri aňladýar – diýip, «SWA Diamonds» kompaniýasynyň dolandyryjy müdiri Abdul Gafur Anadýan belledi. Ýüzügiň agramy 340 gram. Hünärmenler bu ajaýyp zergärçilik önümine 95,243 dollar baha kesdiler.

# Ähli uçarlara howa giňişligini açýar

Saud Arabystany ähli howa gatnawçylaryna öz howa giňişliklerini açýar. Bu barada Patyşalygyň raýat awiasiýa gullugy habar berdi.

Raýat awiasiýasynyň baş müdirligi, agentligiň uçuşlara bolan talaplaryna laýyk gelýän ähli howa kompaniýalaryna patyşalygyň howa giňişligini açmak kararyna gelendigini mälim etdi.

Häkimiýetler bu kararyň Er-Riýadyň raýat howa gatnawçylarynyň hukuklaryny göz öňünde tutýan 1944-nji ýyldaky Çikago konwensiýasyndaky borçnamalaryny ýerine ýetirmek isleginiň bir bölegi hökmünde kabul edilendigini bellediler.



# Agzalyk gepleşiklerine girişdiler

Ýewropa Bileleşigi Albaniýa we Demirgazyk Makedoniýa bilen doly agzalyk üçin gepleşiklere başlady. 19-njy iýulda Brýusselde Albaniýanyň Premýer-ministri Edi Ramanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet hem-de Demirgazyk Makedoniýanyň hökümet başlygy Dimitar Kowaçewskininiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Ýewropa Bileleşigine agza bolmak baradaky gepleşikleriň ilkinji ädimine – Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylary bilen duşuşyp, gepleşikleriň çäklerini giňeltmäge gatnaşdylar.

Albaniýanyň Ýewropa Bileleşigine goşulmagy baradaky gepleşikler, Demirgazyk Makedoniýanyň bileleşige goşulmagy baradaky gepleşikleriň başlamagy bilen baglanyşykly birnäçe gezek yza süýşürilipdi.

Ýewropa Bileleşiginiň 27 agza döwletiniň döwlet we hökümet baştutanlary, belli ylalaşyga gelenden soň bu iki ýurduň bileleşige goşulmagyna ygtyýar berdiler. Albaniýa Ýewropa Bileleşigi-



ne 2014-nji ýylda, Demirgazyk Makedoniýa 2005-nji ýylda dalaşgär boldy. 2020-nji ýyldan bäri Tirana we Skopýe Ýewropa Bileleşigine agzalyk baradaky gepleşikleriň başlanýan senesini almak üçin birnäçe gezek ýüz tutdular.

# Energiýa ulgamyny birleşdirýär

Saud Arabystany bilen Yrak energiýa ulgamlaryny birleşdirmek barada şertnama baglaşdy. Bu barada «Asharq AL-Awsat» gazeti habar berýär. Neşiriň habaryna görä, şertnamanyň esasynda, uzynlygy 435 kilometr, kuwwaty 1000 megawat we güýji 400 kilowolt bolan elektrik geçiriji liniýanyň gurulmagy göz öňünde tutulýar.

Şol bir wagtyň özünde, Eýranyň häkimiýetleri Aýlagdaky arap döwletleriniň Hyzmatdaşlyk geňeşiniň elektrik torlarynyň özara baglanyşygy edarasy bilen şertnama baglaşdy. Oňa laýyklykda, iki ýylyň içinde Al-Kuweýtdäki elektrik stansiýalary bilen Yragyň günortasyndaky El-Fao şäheriniň arasynda 500-1,800 megawat kuwwatly ýokary woltly liniýany gurmak göz öňünde tutulýar.



# TARYHDA ŞU GÜN

1894-nji ýylyň 22-nji iýulynda Parižde ir sagat 8-de ilkinji awtoulag ýaryşy başlandy. Awtoulag ýaryşy täze ulag görnüşiniň - özi hereket edýän ekipažlaryň mümkinçiliklerini görkezmelidi. Gatnaşanlar 12 sagadyň dowamynda awtoulaglary bilen belli bir ugry - Pariž-Ruan aralygyny geçmeli boldular.



# Hytaý tymsallary



### DURMUŞYŇ MAZASY

Bir wagtlar gaty ýalta ýigit ýaşapdyr. Ol uzakly gün ondan-oňa köwsöw edip kaňkar ýörer eken. Onuň hiç zat bilen işi bolmansoň, durmuşyndan hem hiç hili kanagatlanma tapyp bilmändir. Bir gün onuň kellesine «Eýsem, durmuşda nädip kanagatlanma tapmaly?» diýen pikir gelip, ahyrsoňy onuň ugruna çykýar. Ol öýden çykyp, ýola düşenden soň köp wagt geçmänkä, ýer depip duran goja gabat gelýär.

– Ýaşuly, durmuşdan nädip kanagatlanma tapmalydygyny bilmeýärsiňizmi? – diýip, ýigit goja ýüzlenýär.

– Bilýän welin, ýöne men häzir seniň bilen gürrüňe güýmensem işimi goýmaly boljak-da – diýip, goja ýer depmegini dowam etdiripdir.

– Men saňa ýer depmäge kömek edeýin, ýöne siz maňa şol syry açyp beriň! – diýip, ýigit özelenýär.

– Bolýa.

Ýigit gojanyň elinden pilini alyp, ýer depmäge durýar. Tomsuň depäňi deşip barýan jokrama yssysynda, oglan gara der bolup işleýär. Ýöne onuň durmuşdan nädip şatlyk tapmalydygyny gara çyny bilen bilesi gelensoň, sesini çykarman işlemegini dowam etdirýär.

Goja saýaly agajyň aşagynda ornaşyp, ýigidiň zähmet çekişini synlaýar. Iki sagat geçenden soň, goja oturan ýerinden:

– Hany, inibatyr indi biraz dynjyňy al – diýip, ony ýanyna çagyrýar.

Ýigit elindäki pilini bir gapdala dikip, salkyn saýada oturan gojanyň gapdalynda dyzyny epýär. Goja oňa suw uzadýar, ýigit suwdan nebsewürlik bilen teşneligini gandyransoň:

– Bä bu hezilligi diýsene! Ine, kanagatlanma, diýip şuňa aýdaýsaň! – diýip, biygtyýar seslenipdir.

– Dogry aýdýaň, durmuşyň lezzeti hem şunda-da. Eger-de sen erjellik bilen işleseň, durmuşyňdan hem kanagatlanma taparsyň – diýip, goja oglanyň arkasyna kakypdyr.

### KUNG-FUNYŇ ÜÇ USSADY

Bir wagtlar Hytaýda «kung-fu» boýunça üç ussat ýaşaýan eken. Olaryň her biriniň şan-şöhraty bütin dünýä dolupdyr. Bir gün olar öz sungatyny görkezmek hem-de kimiň ussatlygynyň rüstemdigini ýüze çykarmak maksady bilen özara bäsleşmeli diýen karara gelýärler.

Olar oba adamlaryny ýygnap, ýaryşyň şertini yglan edensoňlar, özlerine tarap bat bilen daş zyňmagy teklip edýärler. Birinjisi özüne tarap ýagdyrylan daşlardan ussatlyk bilen sowulmagy başarypdyr. Atylan daşlaryň biri hem oňa degmändir. Ikinji ussada atylan daşlar orta ýolda galypdyr. Üçünji ussada welin hiç kimiň daş atmaga bogny ysmandyr.

### ŞEM BOLSA KEM BOLMAZ

Garrylykda alnan bilim şemiň yşygy ýalydyr.

Bir gün kakasy ogluna ýüzlenip:

– Men ýaş wagtym kelesaňdym we hiç okasym gelmeýärdi. Indem okamak gaty giç, bilşiň ýaly düýn ýetmiş ýaşymy doldurdym – diýipdir.

Ogly:

– Şeýle-de bolsa, şem bolsa kem bolmaz.

Geň galan kakasy oglunyň ýüzüne soragly nazaryny aýlap:

– Men seniň sözleriň manysyna düşünemok. Bu ýerde meň aýdýan zatlarym bilen şemiň näme baglanyşygy bar? – diýipdir.

Şonda ogly şeýle jogap beripdir:

– Biziň çagalykda we ýaşlykda alan bilimimiz säher güneşine meňzeýär. Ol gijäniň garaňkylygyny batyrgaýlyk bilen kowýar, sahylyk bilen şöhle saçýar we hemmeleri durmuşa atarýar. Goýalyşan ýaşda alnan bilim, ýaşýan çagyndaky Güne meňzeýär. Ol şöhle saçmaýar, ýöne ýagtyldýar; ýakmaýar, ýöne ýyly saklap, sowukdan goraýar. Garrylykda alnan bilim bolsa, şemiň yşygy ýalydyr. Onuň ýagtylygy az. Emma şemi öçürseň, garaňkylyk gaplap alýar. Elbetde tüm garaňkylykdan şemiň ýagtylygy has gowudyr.

### AKYLDARYŇ JOGABY

Akyldar Konfusiniň Gun, Lu we Çžan diýen üç şägirdi bolupdyr. Bir gezek bir ruhany garra ýüzlenip:

– Siz öz şägirdiňiz Gun barada näme aýdyp bilersiňiz? – diýende, goja şeýle jogap beripdir.

– Hatda, alymlar hem Gunuň akyl-paýhasyna haýran galsalar gerek!

– Beýle bolsa, Lunuň näme artykmaçlygy barka? – diýip, ruhany Konfusiniň ýüzüne soragly nazaryny aýlapdyr.

– Onuň batyrlygy meşhur söweşijileriň edermenliginden hem ýokary.

– Siz üçünji şägirdiňize nähili baha berýärsiňiz?

– Çžanyň zähmetsöýerligine hemmeler haýran galýar.

Garrynyň sözlerini eşiden ruhany geň galyp:

– Eger-de Gun gaty akylly bolsa, Lu şeýle batyr bolsa, Çžan gaty zähmetsöýer bolsa, olar senden başga näme öwrenip bilerler-kä? – diýipdir.

– Sen meni diňle. Gun akylly, ýöne ýalta. Lu batyr, ýöne paýhasly däl. Çžan bolsa, zähmetsöýer, ýöne onda göriplik bar. Gun akylyň ýaltalara bagt getirmeýändigine düşünmeýär. Seresapsyz Lu bolsa, gözsüz batyrlygyň ölüme eltýändigini bilmeýär. Çžan hem zähmetsöýerligiň göriplik bilen oňuşmaýandygyna düşünenok. Bularyň hiç birini meniň okuwçylarym bilenok. Olar bu hakykatlara akyl ýetirýänçäler, men olaryň mugallymy bolaryn. Olar bolsa, meniň gulak asýan şägirtlerim bolar – diýip, Konfusiý jogap beripdir.

### ÝARDAM

Alym Çžuanszy gaty garypdy. Bir gün ol ukudan oýananda, öýünde, bir gysym tüwi hem galmandygyna göz ýetirýär. Ol golaýdaky mülkdar goňşusynyň ýanyna baryp, ondan bir lýan (kümüş pul) karz soraýar. Emma puly janyndan eý görýän husyt mülkdar karz bermejek bolup, çöpe-çalama urup ugraýar.

– Bir lýan seniň näçe günüňe ýetsin? Iň gowusy sen bir aýdan gel, şonda men saňa otuz lýan bereýin. Şonda sen hiç zada mätäç bolman, ep-esli wagt günüňi dolap bilersiň. Görýäňmi, men nähili jomart: sen bary-ýogy bir lýan soraýaň, men bolsa otuz lýan berýärin! – diýip, mülkar gözüni güldüripdir.

Şonda Çžuanszy şeýle jogap beripdir:

– Men ýaňy ýolda seniň öýüňe gelýärkäm gurap galan bir ýabyň içinde urnup ýatan bir balygy gördüm. Demigip ölüp barýan ýaňky balyk maňa golaýdaky guýudan iki-üç bedre suw getirip, ýaba guýmagymy haýyş etdi. Menem balyga şeýle diýdim. «Iki-üç bedre suw seň nämäňe ýetjek? Bir hepde garaş, şonda elim boşaşsa guran ýaby suw bilen püre-pür dolduraryn» diýemde balyk: «Häzir meni guýudan çekilen iki-üç bedre suw halas edýär. Bir hepdeden ummanlaryň suwuny getirip üstüme guýsaň hem janymy gaýtaryp bilmese gerek» diýip, jogap berdi.

– Sen näme üçin muny maňa gürrüň berýärsiň – diýip, mülkdar gyzyp ugraýar.

– Ölülere däl-de, dirilere goldaw bermelidigine seniň düşünmegiň üçin – diýip, alym jogap beripdir.

*Hytaý dilinden terjime eden*
**Ogulnabat TÄŞLIÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň gündogar dilleri kafedrasynyň öwreniji mugallymy.*

## Paýhaslar

☑ Dynç almak üçin wagt tapyp bilmeýänler irugiç nähoşluk üçin wagt tapmaga mejbur bolarlar.
***Jon Wanameýker.***

☑ Diliňize buýurmazdan ozal ýüregiňize buýruň. Çünki sözler ýürekden gelip, dil arkaly çykýar.
***Jelaleddin Rumy.***

☑ Aňsat gelýän zat uzak dowam etmez. Uzak dowam edýän zat ýeňillik bilen berilmeýär.
***Gündogar nakyly.***

☑ Durmuş hiç zady mugt bermeýär we ykbalyň berýän zatlarynyň hemmesiniň gizlin bahasy bar.
***Stefan Sweýg.***

☑ Hakyky ynam duýgusyny diňe erkin adam başyndan geçirip biler.
***Den Braun.***

☑ Käbir adam belli maksatsyz ýaşaýar, ýöne diňe ýaşamak niýeti bar.
***Wissarion Belinskiý.***

☑ Durmuşyň manysyny gözlemäň! Diňe söýýän adamlaryňyza ýakyn boluň.
***Maksim Lagaçe.***

☑ Birek-birege düşünmek üçin umumy bir zat, birek-biregi söýmek üçin bolsa, tapawutlandyrýan bir zat bolmaly.
***Pol Žeraldi.***

☑ Durmuş özüňi tapmak däl. Durmuş özüňi döretmekdir.
***Bernard Şou.***

☑ Bagtly durmuşda ýaşamak isleseňiz, ony adamlar ýa-da zatlar bilen däl-de, bir maksat bilen baglanyşdyryň!
***Albert Eýnşteýn.***

☑ Durmuşyň maksady – ynanmak, umyt etmek we ymtylmak.
***Indira Gandi.***

☑ Her bir kynçylyk güýçlenmek üçin mümkinçilikdir.
***Dýuk Ellington.***

☑ Eger adamlary üýtgetmek isleýän bolsaň, ilki özüňden başla. Bu hem peýdaly, hem-de ygtybarly.
***Deýl Karnegi.***

☑ Üstünlige ýetmek kararyňyz ýeterlik derejede güýçli bolsa, hiç haçan şowsuz bolmaz.
***Og Mandino.***

☑ Ýüzlerçe şübhe bir ýere jemlense hem delil bolup bilmeýär.
***Fýodor Dostoýewskiý.***

## ÇAGALAR

**Üsti adamly ilkinji howa şary 1783-nji ýylda Fransiýanyň Pariž şäheriniň eteginde uçurylýar.**

# KIM, HAÇAN OÝLAP TAPDY?

**HOWA ŞARY.** Adamzat irki döwürlerden bäri uçmagyň arzuwynda bolupdyr. Şeýle bolansoň bu ugurda ýüzlerçe synanyşyk edilipdir. Häzirki wagtda bir uçar gysga wagtyň dowamynda müňlerçe kilometr ýol geçip bilýär. Howa gämileriniň uçardan başga-da birnäçe görnüşi bolup, olar diňe ýolagçy gatnatmak üçin däl, başga-da birnäçe maksat üçin hem peýdalanylýar. Täsin howa gämileriniň biri hem howa şarlarydyr. Eýsem, howa şary haçan peýda bolduka, ony kim oýlap tapdyka? Geliň, bu sowalyň jogabyny bilelikde öwreneliň!

Ilkinji howa şary uçardan has ir – 1783-nji ýylda uçurylýar. Şol ýylyň 21-nji noýabrynda Parižiň etegindäki La-Mýuett diýen ýerde Žozef-Mişel Mongolfýe (1740-1810ý.) we Žak-Etýenn Mongolfýe (1745-1799ý.) atly iki dogan ilkinji howa şaryny uçurýarlar. Bu uçuşa Žan-Fransua Pilatr de Rozýe atly himik hem-de Fransua Loran d’Arland atly harby gullukçy ýardam berýär. Bu uçuş adamyň howa gämisindäki ilkinji uçuşy hasaplanýar. Howa şary şäheriň üstünde 25 minut çemesi uçup, 9 kilometr uzakdaky Býut-o-Kaý atly ýere gonýar. Howa gämisi 900 metrden gowrak beýiklige galýar.



Doganlar oduň ýanýan wagtynda uçgunyň, tüssäniň we közleriň ýokaryk göterilmegini görenlerinde şeýle howa gämisini ýasap boljakdygy barada pikir edýärler. Olar howa şaryny döretmek üçin birnäçe synanyşyk etmeli bolýarlar. Ilki taftadan* edilen şaryň aşagynda ot ýakyp, onuň içini gyzgyn howa bilen doldurýarlar we onuň ýokary göterilýändigini görýärler. Doganlar 1782-nji ýylyň sentýabrynda bu oýlap tapyşlaryny görkezmek üçin Wersal köşgüne çagyrylýar. Ýurduň patyşasy Lýudowik XVI we Şa zenany Mariýa-Antuanetta täsin enjamyň tanyşdyrylyşyna şaýatlyk edýärler. Bu dabara belli alym, döwlet işgäri Benjamin Franklin hem gatnaşýar. Howa şarynyň ilkinji synag uçuşynyň «ýolagçylary» guzudan, ördekden we horazdan ybarat bolýar. Bu uçuş 8 minut dowam edýär we 460 metr belende galýar. Howa şarynyň ody sönenden soňra, onuň içindäki howa sowap, 3,2 kilometr uzaklyga gonýar.

Netije gazanan hem bolsalar, doganlar howa şarynyň nähili uçýandygyna ylmy taýdan özleri hem düşünmändirler. Olar otdan çykýan tüsse we alaw bilen ýokary göterilýän saman bölejikleri şary ýokaryk galdyrýar diýip pikir edipdirler. Häzirki ylma mälim bolşy ýaly, islendik zat gyzanynda onuň göwrümi giňeýär we massasy ýeňleýär. Şaryň içindäki howa hem gyzyp, daşyndaky howadan ýeňil bolýar. Bu bolsa, şaryň ýokaryk göterilmegine getirýär.



Howa şarynyň ilkinji uçuşlarynyň biriniň görkezilýän suratynda adamlaryň ýokaryk göterilýän howa şaryny tutup duran şekili suratlandyrylypdyr.

Doganlar Fransiýanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan oýlap tapyjy hökmünde kabul edilýärler we sylaglanýarlar.

Has irki döwürlerden bäri batbörekler uçurylan hem bolsa, howa şary ilkinji howa ulagy hasap edilýär. Bu oýlap tapyş ýük we ýolagçy gatnatmak üçin amatly hasaplanýan ilkinji howa ulagydyr.

Howa şarynyň ýokaryk göterilmegi edil käbir jisimleriň suwda batmazdan, ýüzünde hereket etmegine meňzeýär. Ýagny suwdan ýeňil jisimleriň çümmeýşi ýaly, howadan ýeňil jisimler hem atmosferada ýokarlygyna göterilýär. Howa şary göwrümi ýaly meýdany gaplaýan howanyň agramy öz agramy bilen deňleşýänçä ýokaryk göterilýär. Mälim bolşy ýaly, howa şary Ýerden belende göterildigiçe howanyň dykyzlygy azalýar. Adatça, howa şarlarynda has belende galmak üçin howa gyzdyrylyp, şaryň içindäki howa ýeňilleşdirilýär, aşaklanjak bolnanda, ballondaky howa çykarylýar.

Ilkinji howa ulagy hasaplanýan hem bolsa howa şarlary bir ýerden başga bir ýere gitmek üçin amatly hasaplanmaýar. Sebäbi olar ýeliň güýjüniň has köp täsirinde galyp, dolandyrmasy kyn bolýar. Şol sebäpli howa şarlary häzirki wagtda diňe belli ýerlerde syýahatçylyk maksady bilen ulanylýar.

Howa şaryny ýasamak baradaky ilkinji teklip, şondan birnäçe ýyl ozal orta atylýar. 1766-njy ýylda iňlis alymy Genri Kawendiş wodorodyň howadan ýeňildigini üstüni açýar. 1767-nji ýylda şotlandiýaly himik we fizik Josef Blek wodorod bilen doldurylan ýeňil ulagyň uçup biljekdigini öňe sürýär. Şeýle-de bolsa, ilkinji howa şary wodorod bilen däl-de, gyzdyrylan howa bilen uçurylýar. Häzirki wagtda bolsa, Blekiň teklip edişi ýaly howa şarlary wodorod we geliý ýaly ýeňil gaz bilen uçurylýar.

**Tafta:** *ýokary hilli syk, ýuka ýüpek mata.*

# IŇ DATLY MIWELI AGAÇ

Ýer ýüzünde miweli agaçlaryň ýüzlerçe görnüşi bolup, olar dürli maksatlar üçin ulanylýar. Miwe berýän agaçlaryň köpüsi tebigy ýagdaýda ýetişýän bolsa, aglabasy medeni usulda, ýagny adam eli bilen ösdürilip ýetişdirilýär. Agaçlardan alynýan hasylyň terligine iýilýänleriniň bolşy ýaly, gaýtadan işlenenden soňra başga azyk önümi hökmünde peýdalanylýanlary hem bolýar. Mysal üçin, zeýtunyň miwesini şahadan ýolan badyňa iýip bolmaýar. Zeýtun miweleri birnäçe wagtlap käbir serişdeler goşulan suwa ýatyrylyp goýlandan soňra iýmek üçin ýaramly bolýar. Käbir miwelerden bolsa düýbünden başga azyk önümi taýýarlanýar. Şeýle miweleriň biri kakaodyr. Kakao agajy latynça («Theobroma cacao») «Teobroma» urugynyň, «Malvaceae» maşgalasynyň hemişelik gök öwüsýän görnüşine degişlidir. Bu ösümlik Günorta Amerikanyň subekwatorial sebitlerinde, ýabany görnüşleri Meksikanyň kenarýakalarynda, merkezi we günorta Amerikanyň tropiki tokaýlarynda gabat gelýär. Onuň süýri miweleri galyň gabykly bolup, içindäki däneleri süýji-köke önümçiliginde, dürli içgileri taýýarlamakda we lukmançylykda giňden ulanylýar. Kakaoly içgileri taýýarlamakda «Teobroma» urugynyň, «Theobroma bicolor» görnüşiniň hasylyndan peýdalanylýar.



Boýy 12-15 metre ýetýän kakao agajynyň galyň ýapraklary bolup, gülleri agymtyl-gülgün reňkli bolýar. Agaç gögerenden 4-5 ýyldan soňra gül açýar we 12 ýyldan soňra ilkinji hasylyny berip başlaýar. Onuň ösüşi 80 ýyldan gowrak wagt dowam edýär. Miwesiniň uzynlygy 30 santimetre, agramy 500 grama barabar bolýar. Kakaodan ýylda iki gezek – ýagyşly möwsümiň başynda hem soňunda hasyl alynýar. Ilkinji alnan hasylynyň hili has ýokary bolýar.

Kakaonyň miweleri inçe şahalaryndan däl-de, gös-göni esasy agaç sütüninden ösüp çykýar. Tropik howaly ýurtlarda şeýle miwe berýän agaçlaryň başga görnüşleri hem bar.

Şokolod önümçiliginde peýdalanylýan kakao däneleriniň tagamy hasyly alnan wagty ajymtyk bolýar. Onuň çig dänesiniň tagamy şokoladyň tagamyndan düýbünden başgaça bolýar. Bu däneler gaýtadan işlenenden soňra şokoladyň süýji we lezzetli tagamy emele gelýär. Şokoladyň düzüminde ýakymly yslaryň we himiki birleşmeleriň onlarça görnüşi bar.

**Deňlemäniň dogry bolmagy üçin boş ýere (x), (:), (+) ýa-da (-) amallaryny goýuň!**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 777 | ○ | 7 | ○ | 15 | = | 126 |
| 120 | ○ | 20 | ○ | 112 | = | 118 |
| 8 | ○ | 8 | ○ | 4 | = | 40 |
| 13 | ○ | 17 | ○ | 6 | = | 115 |




**Sudoku**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 4 | 5 | 1 | | |
| 2 | 1 | | | | 6 |
| | 3 | 1 | | 2 | 5 |
| 5 | 2 | | | | |
| | | | 4 | 6 | 1 |
| | | | 2 | 5 | |




**Labirint**



*Dünýä Kubogynyň taryhyndan*

# Peläniň we Braziliýanyň ilkinji çempionlygy



Dünýä Kubogy 1958-nji ýylda ýene-de Ýewropada geçirilip, ýaryş Şweýsariýadan soň Şwesiýada guralýar. 8–29-njy iýun aralygynda Şwesiýada geçirilen 6-njy Dünýä Kubogyna, 12-si Ýewropadan jemi 16 ýygyndy gatnaşýar. Saýlama tapgyrynda 55 ýygyndy çykyş edip, Italiýadyr Urugwaýyň, Ispaniýanyň, ABŞ-nyň hem-de Belgiýanyň ýygyndylaryna çempionata gatnaşmak başartmaýar. Çempionat Şwesiýanyň 12 şäherinde (Stokgolm, Gýoteborg, Malmö, Eskilstuna, Norrçýoping, Sandwiken, Helsinborg, Buros, Halmstad, Erebru, Uddewalla, Westeros) geçirilip, bu bäsleşik şol wagta çenli duşuşyklary iň köp şäherde oýnalan Dünýä Kubogy bolýar.

16 ýygyndy 4 toparça bölünýär. 1-nji toparçada soňky çempion Günbatar Germaniýanyň ýygyndysy 1930-njy ýyldaky Dünýä Kubogynyň finalçysy Gillermo Stabileniň tälimçiligindäki Argentinany Ran (32, 79) hem-de Sileriň (42) gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňýär. Çehoslowakiýanyň hem-de D. Irlandiýanyň ýygyndylary bilen 2–2 deňme-deň oýnan nemesler toparçada 1-nji ýeri eýeleýär. 3 utuk toplan Demirgazyk Irlandiýa bilen Çehoslowakiýanyň ýygyndylary pleý-off oýnuny oýnamaly bolýar. Bu duşuşykda Britan adasynyň wekili goşmaça wagtda MakParlandyň gollary bilen 2–1 ýeňýär we çärýek finala çykýar. D. Irlandiýany 3–1 ýeňen argentinler çehlerden 6–1 asgyn gelip, toparçany soňky orunda tamamlaýar.

2-nji toparçada Fransiýa bilen Paragwaýyň arasyndaky duşuşykda 10 gol tora girizilip, şolaryň 7-sini ýewropalylar öz adyna ýazdyrýar. Oýunda ýyldyz oýunçy Bliaryň türgenleşikde şikes almagyndan soň esasy düzümde meýdança çykan Jýust Fonten 3 gezek tapawutlanýar. Ýugoslawlardan utulan fransuzlar 3-nji oýnunda Şotlandiýany kynlyk bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar edýär. Şeýlelikde, 4 utuk toplan Fransiýa bilen Ýugoslawiýa indiki tapgyra çykmagy başarýar. Toparçadaky oýunlarda Jýust Fonten 6 gol geçirýär.

3-nji toparçada ýer eýesi Şwesiýa 1-nji duşuşykda Simonsson (2) hem-de Liedholmyň gollary bilen Meksikany 3–0, 2-nji duşuşygynda 1954-nji ýylyň finalçysy Wengriýany Hamriniň gollary esasynda 2–1 hasabynda utýar. Uels bilen 0–0 hasabynda deňme-deň oýnan ýer eýeleri çärýek finalçy bolýar. 3 utuk toplan Uels bilen Wengriýa pleý-off oýnaýar. Britan adasynyň wekili 2–1 hasabynda ýeňşini baýram edýär.

4-nji toparçada Braziliýa Awstriýany 3–0 hasabynda ýeňýär. Gollary çempionatdan soň Italiýanyň raýaty bolan Altafini (2) bilen Nilton Santos geçirýär. Iňlisler bilen deňme-deň oýnan «sambaçylar» ozalky Soýuzyň ýygyndysyny Wawanyň 2 goly esasynda ýeňlişe sezewar edýär. Braziliýa–SSSR duşuşygynda 2-nji goluň pasyny 17 ýaşly Pele berýär. Bu onuň Dünýä Kubogy ýaryşlaryndaky ilkinji duşuşygy bolýar. Ilkinji gezek gatnaşýan ozalky SSSR-iň ýygyndysy Angliýa bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnaýar. Awstriýany 2–0 hasabynda utan SSSR, özleri ýaly deň utuk toplan Angliýa bilen täzeden duşuşyk geçirýär. Bu oýunda Iliniň ýeke-täk goly ozalky Soýuzyň ýygyndysyna ýeňiş üçin ýeterlik bolýar.

Çärýek finalyň 4 duşuşygy-da bir wagtda oýnalýar. Duşuşyklarda ýeňlişe sezewar bolan toparlaryň hiç biri gol hem geçirip bilmeýär. Braziliýanyň ýygyndysy futbolyň täze super ýyldyzy Peläniň goly bilen Uelsi 1–0 utýar. Edil şeýle netije Günbatar Germaniýa bilen Ýugoslawiýanyň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, soňky çempion Ranyň ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanýar. Wisnieski, Fonten (2) hem-de Piantoniniň gollary bilen 4–0 hasabynda Demirgazyk Irlandiýany ýeňen fransuzlar ýarym finala çykýar. Ýer eýesi şwedler ozalky SSSR-iň ýygyndysynyň toruna jogapsyz 2 gol girizýär. Gollary Simonsson bilen Hamrin geçirýär.




### PELE HET-TRIK EDEN IŇ ÝAŞ FUTBOLÇY

Diýseň çekeleşikli geçen ýarym final duşuşyklarynda 11 gol hasaba alynýar. Solnadaky oýunda Fransiýa bilen Braziliýa duşuşyp, taryhyň altyn sahypalaryna giren bu oýun 5–2 hasabynda brazilleriň peýdasyna tamamlanýar. 2-nji minutda Wawa hasaby açsa, 9-njy minutda Fonten hasaby deňleýär. 39-njy minutda Didi brazilleri 2–1 öňe çykarýar. 2-nji ýarymda Pele 52-nji, 64-nji we 75-nji minutlarda tapawutlanyp, het-trik edýär. 83-nji minutdaky Piantoniniň goly fransuzlara ýeňiş üçin ýeterlik bolmaýar. Beýleki ýarym finalda Günbatar Germaniýa bilen ýer eýesi Şwesiýa duşuşyp, 50 müň janköýeriň şaýatlygynda 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan skandinawlar ilkinji gezek Dünýä Kubogynyň finalyna çykýar. Nemesler Şaferiň goly bilen öňe saýlansa-da, ýer eýeleri Skoglun, Gren hem-de Hamriniň gollary esasynda ýeňşini baýram edýär.

Finaldan bir gün öň Gýoteborg şäherindäki «Ullewi» stadionynda bürünç medalyň eýesi belli bolýar. Çekeleşikli geçen oýunda 6–3 hasabynda ýeňiş gazanan fransuzlar 3-nji orny eýeleýär (Fonten 16, 36, 78, 89, Kopa 27 p, Duis 50 — Sieslarçik 18, Ran 52, Şafer 84). Duşuşykda Jýust Fonten 4 gezek tapawutlanyp, çempionatdaky gollarynyň sanyny 13-e ýetirýär.

### BRAZILIÝA AHYRY ÇEMPION BOLÝAR

29-njy iýunda Solnadaky meşhur «Rasunda» stadionynda oýnalan final duşuşygyna 51 800 janköýer tomaşa edýär. Duşuşykda fransiýaly emin Moris Gig jürlewük çalýar. Oýnuň eýýäm 4-nji minutynda meşhur hüjümçi Liedholm ýer eýelerini begendirýär. Ýöne şwedleriň begenji uzak dowam etmeýär. 9-njy we 32-nji minutlarda Wawa hasaby 2–1-e ýetirýär. Soňra 55-nji minutda Pele hasaby has-da artdyrýar. Bu goldan 13 minut soň Mario Zagallo şwedleriň barja umydynyda soňlandyrýar. Emma muňa garamazdan, Simonsson ýer eýeleriniň 2-nji goluny geçirse-de, bu ýeterlik bolmaýar. Duşuşygyň 90-njy minutynda-da Pele oýna soňky nokady goýýar (5–2). Şeýlelikde, Braziliýanyň ýygyndysyna özlerine köp garaşdyran çempionlyga 6-njy Dünýä Kubogynda ýetmek miýesser edýär.

### GEÇIRILEN DUŞUŞYKLAR:

**1-nji toparça:** Argentina–G. Germaniýa: 1–3, D. Irlandiýa–Çehoslowakiýa: 0–1, G. Germaniýa–Çehoslowakiýa: 2–2, Argentina–D. Irlandiýa: 3–1, Çehoslowakiýa–Argentina: 6–1, G. Germaniýa-D. Irlandiýa: 2–2, D. Irlandiýa–Çehoslowakiýa: 2–1; **2-nji toparça:** Ýugoslawiýa–Şotlandiýa: 1–1, Fransiýa–Paragwaý: 7–3, Paragwaý–Şotlandiýa: 3–2, Ýugoslawiýa–Fransiýa: 3–2, Fransiýa–Şotlandiýa: 2–1, Paragwaý–Ýugoslawiýa: 3–3; **3-nji toparça:** Şwesiýa–Meksika: 3–0, Wengriýa–Uels: 1–1, Meksika–Uels: 1–1, Şwesiýa–Wengriýa: 2–1, Şwesiýa–Uels: 0–0, Wengriýa–Meksika: 4–0, Uels–Wengriýa: 2–1; **4-nji toparça:** Braziliýa–Awstriýa: 3–0, SSSR–Angliýa: 2–2, SSSR–Awstriýa: 2–0, Braziliýa–Angliýa: 0–0, Angliýa–Awstriýa: 2–2, Braziliýa–SSSR: 2–0, SSSR–Angliýa: 1–0.

**Çärýek final:** Şwesiýa–SSSR: 2–0, G. Germaniýa–Ýugoslawiýa: 1–0, Fransiýa–D.Irlandiýa: 4–0, Braziliýa–Uels: 1–0; **Ýarym final:** Şwesiýa–G. Germaniýa: 3–1, Braziliýa–Fransiýa: 5–2

**3-nji ýer:** Fransiýa–G. Germaniýa: 6–3

**Final:** Braziliýa–Şwesiýa: 5–2

### GYZYKLY MAGLUMATLAR:

- FIFA 1950-nji ýylyň iýun aýynda Rio de Žaneýroda bolan ýygnakda 6-njy Dünýä Kubogyny Şwesiýada guramak barada karara gelýär. Bu ýaryşy guramak üçin Argentina, Çili, Meksika hem-de Şwesiýa döwletleri dalaşgär bolupdy.
- D. Irlandiýa, Uels we ozalky SSSR-iň ýygyndylary ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar.
- B. Britaniýanyň 4 ýurdy (Angliýa, Şotlandiýa, Uels, Demirgazyk Irlandiýa) hem bu çempionatda çykyş edýär.
- Dünýäniň iň köp çempion bolan topary Braziliýa ilkinji kubogyny Şwesiýada gazanyp, ol başga bir yklymda çempion bolan ilkinji topar bolýar.
- Fransiýaly hüjümçi Jýust Fonten 13 gol geçirip, «Altyn butsy» baýragyna mynasyp bolýar. Ol bir çempionatda (Dünýä Kubogy) iň köp gol geçiren hüjümçi hökmünde taryha girýär.
- Şwesiýaly Nils Liedholm DK-niň finalynda gol geçiren iň ýaşuly futbolçy bolýar.
- Dünýäniň 2 gezek çempiony (şol wagta çenli) Italiýa bilen Urugwaý bu ýaryşa gatnaşyp bilmeýär.
- Bu Dünýä Kubogy futbolyň şasy hasaplanýan Peläniň gatnaşan ilkinji çempionaty bolup, ol şol wagtlar 17 ýaşyndady. Pele DK-de gol geçiren, het-trik eden, finalda gol geçiren iň ýaş oýunçy bolýar.

## ŞWESIÝA 1958



**Çempion:** Braziliýa
**2-nji ýer:** Şwesiýa
**3-nji ýer:** Fransiýa
**4-nji ýer:** Günbatar Germaniýa

**Gatnaşan toparlar (16):** Angliýa, Awstriýa, Argentina, Braziliýa, Çehoslowakiýa, Demirgazyk Irlandiýa, Fransiýa, Günbatar Germaniýa, Meksika, Paragwaý, Wengriýa, Şotlandiýa, Şwesiýa, SSSR, Uels, Ýugoslawiýa.

**Geçirilen wagty:** 8–29-njy iýun (1958)
**Geçirilen duşuşyk:** 35 oýun
**Geçirilen gol:** 126 (ortaça 3,6)
**Tomaşaçy:** 819 810 (ortaça 23 423)



## ROWANPARE barha arany açýar

**Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 7-nji ýaryşy Estoniýada geçirildi. Tartu şäherinde geçirilen 24 tapgyrdan ybarat bolan ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpare ýeňiş gazandy. Ol pellehana 2 sagat 54 minut 29 sekuntda gelip, möwsümdäki 5-nji ýeňşini baýram etdi. 21 ýaşly Rowanpareniň uelsli topardaşy Elfin Rys Ewans ýeňijiden 1 minutdan gowrak wagt gijä galyp, 2-nji ýeri eýeledi. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly piloty Ott Tanak 3-nji orna mynasyp boldy.**

**Geçirilen Estoniýa Rallisinden soň Rowanpare utugyny 175-e çykardy. Barha arany açýan Rowanpare kem-kemden çempionlyga golaýlaýar. 2-nji ýerde 92 utukly belgiýaly Tierri Noýwill («Hyundai Shell Mobis») barýar. 2-nji orundaky Elfin Ewansyň 79 utugy bar. Indiki ýaryş 4–7-nji awgustda Finlýandiýada geçiriler.**



**DIKLIGINE:** **1.** Turşumtyk tagamly miwe. **2.** ...-gidim, yzygiderli hereket. **3.** Süýji suwda ýaşaýan balyk. **5.** Ýeriň gümmezi, gök. **6.** Dag goçy. **7.** Bir zadyň öň ýany, garşysy. **8.** XIX asyr türkmen şahyry Oraz .... **9.** Ortaýer deňzinde ýerleşýän döwlet. **10.** «Köp aglar men, ýarym bilmez, ... dartmaz, gülüp gelmez» (Mollanepes). **12.** Göwnaçyk, gadyrly. **13.** Gyz ady. **14.** Hile gurýan, sapalakçy. **15.** ...-magşuk. **17.** Aşaky dodagyň daş ýüzi. **24.** Öte, has ýokary. **26.** Italiýanyň futbol topary. **27.** Güýç taýdan gowşak. **29.** Utanmaklyk duýgusy, haýa. **31.** Ruhy binýat. **33.** Eliň iç ýüzi. **34.** Erkana, özygtyýarly. **36.** Suwaryş ulgamlary üçin gazylýan uly, giň ýap. **37.** Ýoldan, ugruňdan sowa düşmek. **38.** Arabanyň ulaga tirkelýän ýerindäki gaýyş, bag. **39.** Bir zatdan edilýän gorky, howsala. **40.** Hile, pirim. **45.** Baharyň soňky aýy. **47.** Bir zat hakynda edilýän gam, ünji. **51.** Oglan ady. **53.** Bir zadyň üst tekizligini çäklendirýän çeti. **54.** Açar bilen açylýan we ýapylýan demir enjam. **55.** Planeta. **56.** Ýörite edilen beýik haýatly berkitme. **58.** Garyşyk reňk. **61.** Dört Çaryýarlaryň biri. **62.** Gaýragoýulmasyz, zerur. **63.** Deňziň, derýanyň, kölüň ýakasy, gyrasy. **64.** Çal ýelekli kiçijik guş. **65.** ...-mazmun. **66.** Tikin maşynlarynda daşyna sapak saralan tegelejik enjam, tegek. **67.** «...-ogul, hojaly-gul» (nakyl). **68.** «... keltäň-dili uzyn» (nakyl). **69.** Mundan esli wagt ozalky, baýaky. **70.** «... çyragym söndi, galdym weýran dünýäde» (Mätäji). **71.** «... gylyçdan ýitidir» (nakyl). **72.** Boks meýdançasy. **73.** Gelin-gyzlaryň dakynýan bezeg şaýy. **74.** Altyn. **75.** «... adam gülki söýmez» (nakyl).

**KESELIGINE:** **1.** Un bilen däne garylyp tokgalanan iým. **4.** Afrikada uly çöllük. **8.** «... göge zyň, ýere düşýänçä ýa pelek» (nakyl). **11.** Ýörite enjamlaşdyrylan suwa düşülýän jaý. **16.** «Baş bolmasa, göwre ...» (nakyl). **18.** Perişde. **19.** «Saçyňa örme ýaraşar, saçlaryň ..., Hatyja» (Seýdi). **20.** Işini janypkeşlik bilen ýerine ýetirýän, höwesli. **21.** «... berip çökerer, hörek berip kökerer» (nakyl). **22.** «... başga, höwes başga» (nakyl). **23.** At, şöhrat. **25.** Süýümden işilen ýogyn ýüp, kement. **28.** «Lezzeti ... bolar, söz bolsa uzak» (Misgingylyç). **30.** Ýiti agyry, ynjy. **32.** Gawun, garpyz we ş.m. bakja ekinleriniň gabygy. **35.** Köplük san goşulmasy. **41.** Hormat, baş egmeklik. **42.** Oglan ady. **43.** Afrikanyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän ýurt. **44.** Wagtlaýyn alnan zat. **46.** Gaýta-gaýta, birsyhly. **48.** Müşk. **49.** «... ata ýetirer, atmyrada» (nakyl). **50.** Syýahat, gezelenç. **52.** Ölçegi belli bolmadyk wagt. **57.** Eşretli, lezzetli. **58.** Gara öýüň ýokarky işiginiň üstündäki uklar. **59.** Öz hünärini, kärini şägirdine öwredýän ussat. **60.** Iki metr aralygy görkezýän ýer ölçeg enjamy. **62.** Işlik goşulmasy. **64.** «... tüssesi göz çykarar» (nakyl). **67.** Uýa. **69.** Bir zadyň aşagy, düýbi. **71.** Göroglynyň atynyň ady. **74.** «... ýarasy biter, söz ýarasy bitmez» (nakyl). **76.** Eşitmeýän adam. **77.** Senet, kär. **78.** Iň gowy, saýlama, aňrybaş. **79.** Ýiti howurly, çabyrap duran ot. **80.** Aýan bolup duran, äşgär. **81.** Albaniýanyň pul birligi. **82.** Oglan ady. **83.** XVIII asyr türkmen şahyry. **84.** Iniňi tikenekledip, üşedip, gyzgynyň ýokary galmagy bilen ýüze çykýan kesel. **85.** «... köpek gurt alar» (nakyl).

## 34-nji KROSSWORD

**Maýa AŞYROWA,** *Akdepe etrabynyň 3-nji orta mekdebiniň müdiri.*




8-nji skanwordyň jogaby:



33-nji krosswordyň jogaby:



# Ýeňil atletika boýunça 18-nji Dünýä çempionaty

ABŞ-nyň Oregon ştatynyň Ýujin şäherinde ýeňil atletika boýunça 18-nji Dünýä çempionaty dowam edýär.

Çempionatda 100 metre ylgamakda erkekleriň arasynda amerikaly Fred Kerli 9,86 sekuntda pellehana gelip, Dohadan soň Ýujinde-de altyn medala mynasyp boldy. 10 000 metr ylgaw ýaryşynda-da Dünýä rekordynyň eýesi ugandaly Joşua Çeptegei çempionlygyny goramagy başardy. Onuň görkezen netijesi 27 minut 27,43 sekunda deň boldy. Marafon ylgawynda efiopiýaly Tamirat Tola 2 sagat 5 minut 36 sekuntda pellehana gelip, çempionatyň rekordyny goýdy we ilkinji Dünýä çempionlygyny gazandy. Ol bu ugurda watandaşy Mosinet Geremew hem-de belgiýaly Başir Abdiden öňe saýlandy. Päsgelçilikli 110 metr ylgaw ýaryşynda Tokio Olimpiadasynyň wise-çempiony, amerikaly Grant Holloweý 13,03 sekuntda pellehanadan geçip, bassyr 2-nji gezek Dünýä çempiony boldy. Päsgelçilikli 400 metre ylgamakda braziliýaly Alison Dos Santos çempionatyň rekordyny täzeläp (46,29 sekunt), altyn medal gazanmagy başardy. Bu ugurda Dünýä rekordynyň eýesi, Olimpiýa çempiony norwegiýaly Karsten Warholm çempionaty 7-nji orunda tamamlady. 1500 metr ylgawda britaniýaly Jeýk Waýtmen ýeňiş gazanyp, ol Olimpiýa çempiony norwegiýaly Ýakob Ingebrigtsenden hem-de ispaniýaly Mohamed Katirden üstün çykdy. 3000 metr aralyga ylgamakda marokkoly Sufian El-Bakkali Olimpiýa çempionlygynyň üstüni Dünýä çempionlygy bilen ýetirdi. 8 sagat 25 minut 13 sekuntda pellehana gelen El-Bakkali efiopiýaly Lameça Girmany hem-de keniýaly Konseslus Kiprutony yzda galdyrdy. 20 kilometrlik ýöriş ýaryşynda 1 sagat 19 minut 7 sekuntda bäsleşigi tamamlan ýaponiýaly Toşikazu Ýamanişä ýene-de taý tapylmady. Ol 2019-njy ýylda Dohada hem çempion bolupdy.



Erkekleriň arasynda 100 metr ylgawda amerikalylar öňe saýlandy.



Fred Kerli



Joşua Çeptegei



Pawel Faýdek

### YZLY-YZYNA 3-NJI ÝEŇŞI

Beýikligine bökmekde Olimpiýa oýunlarynyň çempiony, katarly Mutaz Essa Barşim ýylyň iň ýokary görkezijisi bilen bu gezek altyn medaly ýeke özi gazanmagy başardy. Mälim bolşy ýaly, ol Tokio 2020-de altyn medaly italiýaly Janmarko Tamberini bilen paýlaşypdy. 31 ýaşyndaky türgen yzly-yzyna 3-nji gezek Dünýäniň çempionlygyny gazanyp, şu görnüşde muny başaran ilkinji ýeňil atletikaçy boldy. Koreýaly Wu San Hyeokyň 2-nji bolan ýaryşynda ukrainaly Andreý Prosenko 3-nji ýeri eýeledi. Tamberini bu gezek 4-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy. Uzynlygyna bökmekde hytaýly Wan Szýanan altyn, gresiýaly Miltiadis Tentoglu kümüş, şweýsariýaly Simon Ehammer bürünç medal gazandy. Gülle iteklemekde soňky 2 Olimpiýa oýunlarynyň çempiony, amerikaly Raýan Krauzer ilkinji gezek Dünýäniň çempionatynda altyn medala mynasyp boldy. Krauzer 22,94 metrlik görkeziji bilen çempionatyň rekordyny täzelemegi başardy. Münberiň beýleki 2 basgançagyna-da amerikaly çykyp, Jou Kowaç hem-de Joş Awotunde 2-3-nji ýerleri eýelediler.



Alison Dos Santos

### 5-NJI GEZEK MÜNBERIŇ IŇ ÝOKARY BASGANÇAGYNDA

Ýekedaban zyňmakda mundan öňki 4 çempionatda bolşy ýaly, ýene-de polşaly Pawel Faýdege taý tapylmady. Ýekedabany 81,98 metre zyňan 33 ýaşyndaky Faýdek watandaşy, Tokio 2020-niň çempiony Woýseh Nowiskiden hem-de norwegiýaly Eiwind Henriksenden öňe saýlandy. Disk zyňmakda 23 ýaşyndaky sloweniýaly Kristian Çeh 71,13 metrlik görkeziji bilen altyn medal gazandy. Onuň bu görkezijisi çempionatyň rekordy hökmünde hasaba alyndy.

### 10-NJY ALTYN MEDALY

Zenanlaryň arasynda 100 metr ylgawda ýamaýkaly Şelli-Enn Freýzer-Praýs ýeňiş gazandy. 10,67 sekuntlyk görkeziji bilen çempion bolan 35 ýaşyndaky ýamaýkaly türgen çempionatyň rekordyny täzeledi. Bu onuň 100 metr ylgawdaky 5-nji Dünýä çempionlygy bolup, şol sanda Dünýä çempionatlaryndaky 10-njy altyn medalydyr. Ýaryşda 2–3-nji ýerleri-de ýamaýkaly zenanlar eýeläp, 2 gezek Dünýäniň çempiony Şerika Jekson kümüş, Olimpiýa oýunlarynyň 2 sapar çempiony Eleýn Tompson-Hera bürünç medal gazandy. 1500 metre ylgamakda Rio we Tokio Olimpiadalarynyň altyn medally türgeni keniýaly Feýs Kipýegon London 2017-den soň 2-nji gezek Dünýäniň çempiony boldy. Bu ugurda efiopiýaly Gudaf Tsegaý 2-nji, britaniýaly Laura Muir 3-nji ýeri eýeledi. 10 000 metr ylgawda Dünýä rekordynyň eýesi, efiopiýaly Letesenbet Gideý ilkinji altyn medalyny gazandy. Keniýaly türgenler Hellen Obiri bilen Margaret Kipkemboi münberiň 2–3-nji basgançagyna çykdylar. Marafon ylgaw ýaryşynda efiopiýaly Gotytom Gebreslase çempionatyň rekordyny täzeläp (02:18:11), altyn medala mynasyp boldy. 20 kilometr ýöriş ýaryşynda peruly Kimberli Garsiýa altyn, polşaly Kataryna Zdzieblo kümüş, Seýan Şensze bürünç medal gazandy.



Zenanlaryň arasynda 100 metr ylgawda ýamaýkalylar öňe saýlandy.

Beýikligine bökmekde awstraliýaly Elinor Patterson 2,02 metre böküp (Okeaniýanyň rekordy), ol ukrainaly Ýaroslawa Mahuçikden hem-de italiýaly Elena Wallortigaradan öňe saýlandy. Syrykly bökmekde Olimpiýa çempiony, amerikaly ýeňil atletikaçy Keýti Nažott altyn medala mynasyp boldy (4,85 metr). Amerikaly Sendi Morris (4,85) hem-de awstraliýaly Nina Kennedi (4,80) 2-3-nji ýerleri eýelediler.



Elinor Patterson



Ýulimar Rohas



Çeýz Ili

### ÝENE-DE ROHASA TAÝ TAPYLMADY

Üçürdikläp bökmekde Olimpiýa çempiony, Dünýä rekordynyň eýesi wenesuelaly Ýulimar Rohas 3-nji gezek Dünýäniň çempiony boldy. Gülle iteklemekde we ýekedaban zyňmakda amerikaly türgenler, degişlilikde Çeýz Ili bilen Bruk Anderson altyn medal gazanmagy başardylar. Heptatlon (7 görnüşli) bäsleşiginde-de soňky 2 Olimpiadanyň ýeňijisi, belgiýaly Nafissatu Tiam 3-nji gezek Dünýä çempiony boldy.

Garyşyk 4x400 metr estafeta ýaryşynda Dominikan Respublikasynyň türgenleri niderland hem-de amerikaly ylgaýjylardan öňe saýlandy.

Çempionat 24-nji iýulda tamamlanar.



Şelli-Enn Freýzer-Praýs



Letesenbet Gideý

# Dünýä Kubogyna iň köp gatnaşan Afrika topary

Dünýä Kubogyna tarap

Dünýä Kubogyna Afrikadan gatnaşýan 5 ýygyndy bolup, olaryň biri Kamerunyň ýygyndysydyr. Günbatar-merkezi Afrikanyň wekili bolan Kamerunyň ýygyndysy 8-nji gezek gatnaşar. Bu görkeziji Afrika döwletleriniň ýygyndylarynyň arasyndaky iň ýokary netijedir.

Kamerunyň futbol federasiýasy 1959-njy ýylda esaslandyrylýar. 1963-nji ýylda Afrika futbol konfederasiýasynyň (CAF), 1964-nji ýylda-da FIFA-nyň agzalygyna kabul edilýär.

**Ilkinji duşuşygy:** Kamerun—DR Kongo: 2–3 (Kinşasa, 1956)

**Iň uly hasaply ýeňşi:** Kamerun—Çad: 9–0 (Kinşasa, 1965)

**Iň uly hasaply ýeňlişleri:** Norwegiýa—Kamerun: 6–1 (Oslo, 1990), Russiýa—Kamerun: 6–1 (Palo Alto, ABŞ, 1994)

### ILKINJI SYNANYŞYKDA NE ÝEŇÝÄR, NE-DE ÝEŇILÝÄR

● Kamerunyň ýygyndysynyň Dünýä Kubogy ugrundaky başdan geçirmesi 1970-nji ýylda başlaýar. Olar ondan öňki ýaryşlara hiç hili ýagdaýda gatnaşmaýarlar. 1970–1974–1978-nji ýyllardaky Dünýä Kubogy ýaryşlarynyň saýlama tapgyrynda şowsuz çykyş edýär. 1982-nji ýylda Ispaniýada geçirilen ýaryş Kamerunyň gatnaşan ilkinji Dünýä Kubogy bolýar. Saýlama tapgyrynda garşydaşlaryny birin-birden ýeňen Kamerunyň ýygyndysy Alžir bilen bilelikde Afrikanyň adyndan wekilçilik edýär. Kamerunyň ýygyndysy 1-nji toparçada ilkinji 2 duşuşygynda ilki Peruwyň, soňra Polşanyň ýygyndylary bilen golsuz deňme-deň oýnaýar. Olaryň 3-nji duşuşygy hem deňlikde bolup, Italiýa bilen 1–1 deňme-deň netije görkezýär (Bu toparçadaky 6 oýnuň 5-si deňlikde gutarýar). Bu duşuşykda 60-njy minutda Grazianiniň goluna 61-nji minutda Greguar M'Bida jogap berip, ol Kamerunyň Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny geçirýär.

### ÇÄRÝEK FINALA ÇYKAN ILKINJI AFRIKA TOPARY BOLÝAR

● 1990-njy ýylda Italiýada geçirilen çempionat Meksika 1986 Dünýä Kubogyna gatnaşmadyk Kamerunyň taryhyndaky iň şowly ýaryş bolýar. Kamerunlylaryň Dünýä Kubogynyň taryhynda gazanan 4 ýeňşiniň 3-si bu çempionatda hasaba alynýar. «B» toparçada Meksika 1986-nyň çempiony Argentinany Omam-Byýygyň juda ýokary böküp, kelle bilen geçiren goly esasynda 1–0 ýeňýär. Soňra Rojer Millanyň gollary bilen Rumyniýadan 2–1 üstün çykýar. Meşhur hünärmen Waleriý Nepomniýaşiniň tälimçiligindäki Kamerunyň ýygyndysy ozalky SSSR-den 4–0 utulsada, 1/8 finala çykýar. 1/8 finalda-da Kolumbiýa bilen duşuşyp, oýnuň esasy wagty golsuz tamamlanýar. Goşmaça wagtda bolsa ýene-de Rojer Millanyň 2 minutda geçiren gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňýär we çärýek finala çykan ilkinji Afrika topary hökmünde adyny taryha ýazdyrýar. Çärýek finalda-da Angliýa bilen duşuşyp, oýnuň esasy wagty 2–2 deňlikde gutarýar (Kunde 61 p, Ekeke 65 — Platt 25, Lineker 83 p). Goşmaça wagtda-da Lineker ýene-de penaltiden tapawutlanýar we Angliýa 3–2 ýeňiş gazanýar.

Italiýa 1990-da ýarym finalyň bosagasyndan gaýdan Kamerunyň ýygyndysy 1994-nji ýylda ABŞ-da geçirilen ýaryşda «B» toparçada çykyş edýär. Embe we Omam-Byýygyň gollary esasynda Şwesiýa bilen 2–2 deňme-deň oýnan kamerunlylar Braziliýadan 3–0 asgyn gelýär. Oleg Salenkonyň 5 gol geçiren oýnunda Russiýadan 6–1 utulýar. Kamerunlylaryň ýeke-täk goluny geçiren 42 ýaşyndaky Rojer Milla Dünýä Kubogynyň taryhynda gol geçiren iň ýaşuly futbolçy bolýar. Fransiýa 1998 hem kamerunlylar üçin şowly geçmeýär. Awstriýa bilen 1–1 deňme-deň oýnap, Italiýadan 3–0 utulýar. 3-nji duşuşygynda-da Çili bilen 1–1 deňme-deň oýnaýar we çempionaty 2 utuk bilen tamamlaýar. 2002-nji ýylda Koreýa bilen Ýaponiýanyň bilelikde guran ýaryşynda ilki Irlandiýa bilen deňme-deň oýnaýar (Mboma 39 — Holland 52). 2-nji duşuşygynda Saud Arabystanyny Samuel Eto'onyň goly bilen 1–0 ýeňse-de, 3-nji duşuşygynda Germaniýadan 2–0 utulyp, ýaryşy dowam etdirip bilmeýär.



Rojer Milla



Rigobert Song



Germaniýa 2006-a gatnaşyp bilmedik Kamerunyň ýygyndysy 2010-njy ýylda Günorta Afrikadaky çempionata ykjam taýýarlyk görýär. Ýöne öz yklymlaryndaky ýaryş şol wagta çenli olaryň iň şowsuz bäsleşigi bolýar. «E» toparçada Ýaponiýadan 1–0, Daniýadyr Niderlandlardanam 2–1 utulan Kamerun Dünýä Kubogyny ilkinji ýola utuksyz tamamlaýar. Duşuşyklarda olaryň 2 golunyda Eto'o geçirýär. Braziliýa 2014 Dünýä Kubogynyň 4 ýyl ozalky ýaryşdan tapawudy diňe ýekeje gol bolýar. «A» toparçada Meksikadan 1–0, Horwatiýadan 4–0, ýer eýesi Braziliýadan 4–1 utulýar. Çempionatda 9 gol geçirden Kamerunyň ýeke-täk goluny Matip geçirýär. Bu olaryň Katar 2022-den öň soňky Dünýä Kubogy bolup, olara 2018-nji ýylda Russiýadaky ýaryşa gatnaşmak başartmaýar.

**Dünýä Kubogyndaky duşuşyklary:** 23 oýun, 4 ýeňiş, 7 deňlik, 12 ýeňliş, 18–43 gol

**Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryndaky duşuşyklary:** 95 oýun, 57 ýeňiş, 23 deňlik, 15 ýeňliş, 159–70 gol

Häzirki wagtda ýurduň futbol federasiýasyna ýygyndynyň iň köp gol geçiren oýunçysy Samuel Eto'o ýolbaşçylyk etse, iň köp duşuşyk geçiren oýunçysy Rigobert Song milli topara tälim berýär. Kamerunyň ýygyndysy Afrikanyň Milletler Kubogynda 5 gezek çempionlyk gazanýar (1984, 1988, 2000, 2002, 2017).

Kamerunyň ýygyndysyna şu wagta çenli fransiýaly Dominik Kolonna, germaniýaly Piter Şnittger, fransiýaly Klod de Roý, russiýaly Waleriý Nepomniýaşiý, fransiýaly Pierr Leşantr, germaniýaly Winfred Şafer, fransiýaly Pol Le Guen, ispaniýaly Hawier Klemente, germaniýaly Wolker Finke, belgiýaly Hugo Broos, portugaliýaly Toni Konseisao hem-de ýerli Žan-Pol Akono, Aleksandre Belinga ýaly hünärmenler tälim berýär. Dünýä Kubogynda 2 gezek gyzyl kart alan Rigobert Song 2-nji gezek milli ýygyndynyň tälimçisi bolup, ol 2017–2018-nji ýyllarda hem topara wagtlaýynça tälim beripdi.

**Iň köp gol geçiren oýunçylary:** Samuel Eto'o — 56 gol (118 oýun), Rojer Milla — 43 gol (77), Patrik M'Boma — 33 gol (55), Wensan Abubakar — 33 (87)

**Iň köp duşuşyk geçiren oýunçylary:** Rigobert Song — 137, Samuel Eto'o — 118, Jeremi Nýitap — 118

Mundan 32 ýyl ozalky başarnygyny gaýtalamak isleýän Kamerunyň ýygyndysynyň häzirki wagtda esasy bil baglaýan oýunçylary şulardyr: Andre Onana, Ngadeu-Ngadžui, Kollins Fai, Wensan Abubakar, Karl Toko Ekambi, Maksim Çupo-Moting. Katar 2022-de «G» toparçada Serbiýa, ozal 2 gezek utulan garşydaşy Braziliýa, şol sanda Şweýsariýa bilen duşuşar. Kamerunyň ýygyndysynyň toparçadan çykmak mümkinçiligi ilkinji 2 duşuşygyna bagly bolup, ýewropalylary ýeňmek olara ýeňil düşmese gerek. 3-nji duşuşygynyň Braziliýa bilen boljakdygyny göz öňünde tutsak, onda olar ilkinji 2 duşuşykda billerini berk guşamaly bolarlar...

### KAMERUNYŇ MILLI ÝYGYNDYSYNYŇ KATAR 2022-DÄKI DUŞUŞYKLARY:

► 24-nji noýabr (15:00): **Şweýsariýa — Kamerun** («Al Janub» stadiony, Al Wakra)

► 28-nji noýabr (15:00): **Kamerun — Serbiýa** («Al Janub» stadiony, Al Wakra)

► 2-nji dekabr (00:00): **Kamerun — Braziliýa** («Lusail Ikonik», Lusail)

# TRANSFER TÄZELIKLERI

Italiýanyň «Ýuwentus» topary düzümini 2 ýyldyz oýunçy bilen güýçlendirdi. PSŽ-däki şertnamasy tamamlanan argentinaly ýarymgoragçy Anhel Di Mariýany hem-de «Mançester Ýunaýtedden» gaýdan ozalky futbolçysy Pol Pogbany transfer etdi. Italýan kluby Anhel Di Mariýa bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. 34 ýaşyndaky Di Mariýa goşmaçalardan daşary ýyllyk 6 million ýewro hak alar. Mundan öň Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň 3-sinde («La Liga», «Premier Liga», «Ligue 1») oýnan Anhel Di Mariýa «Ýuwentusda» 22-nji belgide çykyş eder.







29 ýaşyndaky Pogbany hem tölegsiz alan «Ýuwentus» fransiýaly ýyldyz oýunçy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2012–2016-njy ýyllar aralygynda-da «Ýuwentusda» oýnan Pogba turinlilerden ýyllyk 8 million ýewro hak alar. Pogba turinlilerde 10-njy belgili köýnekçäni geýer.

* * *

Angliýanyň «Mançester Ýunaýted» topary «Brentford» bilen şertnamasy tamamlanan daniýaly ýarymgoragçy Kristian Erikseni düzümine goşdy. Mankunianlar 30 ýaşly oýunçy bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Eriksen geçen möwsümiň 2-nji ýarymynda «Brentfordyň» düzümine goşulyp, ol «Premier Ligada» 11 oýunda 1 gol geçirdi, 4 goluň pasyny berdi. Karýerasy boýunça «Aýaks», «Tottenham», «Inter» klublarynyň köýnekçesini geýen Eriksen geçen tomusda Ýewropa çempionatynda Daniýa–Finlýandiýa duşuşygynda ýüregi durup, meýdançany terk etmeli bolupdy.

Şeýle-de, «Mançester Ýunaýted» topary «Aýaksyň» argentinaly merkezi goragçysy Lisandro Martinesiň transfer edilendigini habar berdi. Erik ten Hag öňki şägirdini düzümine goşmak üçin «Aýaks» toparyna 57,3+10 million ýewro tölemeli bolar. 24 ýaşyndaky oýunçy mankunianlar bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşar. 2019-njy ýylda Argentinanyň «Defensa y Ýustisia» klubundan transfer edilen merkezi goragçy amsterdamlylaryň düzüminde 3 möwsüm boýunça 120 gezek meýdança çykdy.

* * *

«La Liganyň» güýçli klublaryndan «Barselona» düzümine 2 ýyldyz oýunçy goşdy. Katalonlar ilki Angliýanyň «Lids Ýunaýted» toparynyň braziliýaly ýarymgoragçysy Rafinýany transfer etdi. «Barselona» topary Rafinýanyň transferi üçin iňlis klubuna 58+7 million, jemi 65 million ýewro berer. Rafinýa «Barselona» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Awai», «Witoriýa Gimaraýnş», «Sporting», «Renn» klublarynda oýnan Rafinýa «Lidsde» jemi 67 oýunda 17 gol geçiripdi.

«Barselona» toparynyň nobatdaky transferi «Bawariýanyň» super ýyldyzy, polşaly hüjümçi Robert Lewandowski boldy. Ispan kluby 33 ýaşyndaky oýunçy bilen 3+1 ýyllyk şertnama baglaşyp, onuň transferi üçinem «Bawariýa» 45+5 million ýewro berer. Lewandowski katalonlardan ýyllyk 17,6 million ýewro hak alar. Lewandowski «Bawariýada» 8 möwsümde 375 oýunda 344 gol geçirdi.

* * *

«Bundesliganyň» soňky 10 ýylynyň çempiony «Bawariýa» topary goragyny güýçlendirmegini dowam edýär. Münhen şäheriniň kluby italýan topary «Ýuwentusyň» niderland goragçysy Matteýs de Ligti transfer etdi. «Bawariýa» topary De Ligt bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Nemes kluby bu transfer üçin italýanlara 4 ýylyň dowamynda 67 million ýewro berer. Goşmaçalar hasaba alsaň nemesler ýene-de 10 million ýewro hem tölemeli bolar. De Ligt 2019-njy ýylda 75 million ýewro «Aýaksdan» «Ýuwentusa» geçipdi. 22 ýaşyndaky oýunçy turinlileriň düzüminde 117 oýunda meýdança çykdy.

* * *




«Ýuwentus» bilen şertnamasy tamamlanan italiýaly ýarymgoragçy Federiko Bernardeski ABŞ-nyň çempionaty MLS-de çykyş eder. Ol Kanadanyň «Toronto» topary bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. Bernardeski geçen möwsüm «Serie A»-da 28 oýunda 1 gol geçiripdi. Ol täze toparynda watandaşlary Domeniko Krişito hem-de Lorenzo Insinýe dagy bilen bile çykyş eder. Bernardeski şu tomusda MLS-e geçen 2-nji «ýuwentusly» futbolçy bolup, ondan öň Jorjo Kiellini hem «Los Anjeles FK» toparynyň düzümine goşulypdy.

* * *

Londonyň «Çelsi» kluby Rahim Sterlingden soň ýene bir ýyldyz oýunçyny transfer etdi. Bu gezek goragy güýçlendiren londonlylar «Napoli» toparynyň senegally goragçysy Kalidu Kulibalini 40 million ýewro (38+2) öz düzümine goşdy. «Çelsi» topary 31 ýaşyndaky oýunçy bilen 4 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Metbugatda çykan habarlara görä, Kulibali «Çelsiden» ýyllyk 10 million ýewro hak alar. «Napolide» 8 ýyl çykyş eden Kulibali ondan öň «Genk» we «Mets» toparlarynyň köýnekçesini geýipdi.

* * *

Germaniýanyň «Borussiýa Dortmund» topary «Mançester Siti» toparyna ugradan norwegiýaly ýyldyzy Erling Holannyň öwezini doldy. Dortmundlylar «Aýaksyň» kot-d'iuwarly hüjümçisi Sebastian Halleri transfer etdi. Nemes kluby ýyldyz oýunçy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Borussiýa» kluby Haller üçin «Aýaksa» 31+4 million ýewro berer. Şeýlelikde, Haller «Borussiýa Dortmundyň» taryhyndaky iň gymmat transfer hökmünde hasaba alyndy. 28 ýaşly Haller dortmundlylaryň şu möwsümdäki 11-nji transferidir.

* * *

Italiýanyň «Fiorentina» topary «Real Madridiň» serbiýaly hüjümçisi Luka Ýowiçi transfer etdi. «Fiorentina» 24 ýaşyndaky hüjümçi üçin «Real Madride» töleg tölemez. «Fiorentina» Ýowiç bilen 2+2 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Real Madrid» topary Ýowiçi 2019-njy ýylda «Aýntrahtdan» 63 million ýewro transfer edipdi. Taryhyň iň şowsuz transferleriniň biri bolan Ýowiç «Realda» 51 duşuşykda (köpüsi ätiýaçdan) meýdança çykyp, 3 gol geçirdi. «Real Madrid» topary Ýowiçiň indiki transferinden 50 göterim hak alar.

* * *

«Ýuwentus» bilen şertnamasynyň möhletini uzaltmakdan boýun towlan argentinaly ýyldyz oýunçy Paulo Dibala «Serie A»-da galdy. 28 ýaşly hüjümçi Italiýanyň paýtagty Rimiň «Roma» topary bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Bu transferi tölegsiz amala aşyran «Roma» oýunça her ýyly üçin goşmaçalardan daşary 6 million ýewro berer. Karýerasyna ýurdunyň «Instituto» toparynda başlan Dibala 2012–2015-nji ýyllarda «Palermoda», şondan bäri-de «Ýuwentus» çykyş etdi. Dibala «Ýuwentus» 293 duşuşykda 115 gol geçirdi. Ol «Ýuwentusyň» taryhyndaky iň netijeli 9-njy futbolçydyr.

* * *

«Serie A»-nyň çempiony «Milanyň» kapitany Alessio Romanioli paýtagtyň «Lasio» toparynyň düzümine goşuldy. 27 ýaşyndaky goragçy erkin agent ýagdaýynda rimliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Lasio» topary täze goragçysyna ýyllyk 3,4 million ýewro hak tölär. «Lasionyň» köne bäsdeşi «Romada» futbola başlan Romanioli 2015-nji ýylda «Milanyň» düzümine geçipdi. Ol 7 ýylda 247 oýunda 10 gezek tapawutlandy.

* * *

Fransiýanyň çempiony PSŽ ýurduň başga bir kluby «Reýms» toparynyň hüjümçisi Ýugo Ekitikeni transfer etdi. Parižliler 20 ýaşly fransuz hüjümçisi bilen möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy. Gerek bolan ýagdaýynda PSŽ Ekitikeni möwsümiň ahyrynda ymykly transfer hem edip biler. Ekitike geçen möwsümde «Ligue 1»-de 24 oýunda 10 gol geçirdi.



# Niderlandlar 9-njy gezek Dünýäniň çempiony

**Ispaniýa bilen Niderlandlaryň bilelikde guran ot hokkeýi boýunça zenanlaryň arasyndaky 15-nji Dünýä Kubogy tamamlandy. 16 ýygyndynyň gatnaşan çempionatynda ýer eýeleri Niderlandlaryň ýygyndysy ýeňiş gazandy. Niderlandlar finalda Argentinanyň ýygyndysy bilen duşuşyp, Werşoor, Matla hem-de Albersiň gollary esasynda 3–1 üstün çykmagy başardy. Bu olaryň yzly-yzyna 3-nji, umumylykda-da 9-njy çempionlygy bolup, Niderlandlar mundan ozal 1974-nji, 1978-nji, 1983-nji, 1986-njy, 1990-njy, 2006-njy, 2014-nji hem-de 2018-nji ýyllarda Dünýä Kubogyny eýeläpdi.**

**Bürünç medal ugrundaky oýunda Awstraliýanyň ýygyndysy Germaniýany Kerşawyň gollary bilen 2–1 utdy.**

**Ýaryşda 8 gezek tapawutlanan argentinaly Agustina Gorzelani çempionatyň iň netijeli futbolçysy boldy.**

**Ilkinji gezek 1974-nji ýylda geçirilen we 1986-njy ýyldan bäri-de her 4 ýyldan bir gezek guralýan ýaryşda iň köp Niderlandlar çempion boldy (9). Şeýle-de, Argentinanyň (2002, 2010), Awstraliýadyr (1994, 1998) Germaniýanyň (1976, 1981) hem 2 çempionlygy bar.**

# Bir sözlemde...

› Möwsümiň 4 uly ýaryşynyň soňkusy bolan, Şotlandiýada geçirilen «The Open Championship» golf bäsleşiginde (150-nji gezek geçirildi) 28 ýaşyndaky awstraliýaly Kameron Smit ýeňiş gazanyp, ol 14 million dollarlyk pul baýrakly dünýäniň iň gadymy golf ýaryşynda ilkinji sapar çempion diýen ady eýeledi (ýeňijä 2,5 million dollar berildi).

› Woleýbol boýunça zenanlaryň arasynda Türkiýäniň paýtagty Ankarada geçirilen Milletler Ligasynyň finalynda Italiýanyň ýygyndysy Braziliýanyň ýygyndysyny 3:0 hasabynda ýeňip (25:23, 25:22, 25:22), bu ýaryşdaky ilkinji çempionlygyny gazandy, finalçy Braziliýa yzly-yzyna 3-nji gezek 2-nji ýeri eýeledi.

› Özüniň futbolçylyk karýerasynda «Iskra», «Gomselmaş Gomel», «Spartak Kostroma», «Spartak Moskwa», «Lokomotiw», «Moskwiç» ýaly klublarda oýnan «Spartak Moskwanyň» ozalky tälimçilerinden, meşhur hünärmen Georgiý Ýarsew 74 ýaşynda aradan çykdy.

› 2028-nji ýylda ABŞ-nyň Los Anjeles şäherinde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlarynyň şol ýylyň 14-nji iýuly — 30-njy iýuly aralygynda guraljakdygy resmi ýagdaýda habar berildi.

› Belgiýanyň Super Kubogy duşuşygynda çempion «Klub Brýugge» topary «Gent» toparyny Skow Olseniň (39) goly esasynda 1–0 ýeňip, 17-njy gezek bu kuboga mynasyp boldy we öz rekordyny täzeledi.

# BIRINJI DUŞUŞYKLAR TAMAMLANDY

UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji saýlama tapgyryň 1-nji duşuşyklary oýnaldy. Öz meýdançasynda Irlandiýanyň «Şamrok Rowers» toparyny 3–0 hasabynda ýeňen Bolgariýanyň «Ludogores» topary 3-nji saýlama tapgyrynyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Tapgyryň iň esasy duşuşygy «Dinamo Kiýew»—«Fenerbahçe» duşuşygynda hasap açylmady. Azerbaýjanyň «Garabag» topary-da Şweýsariýanyň «Sürih» klubundan 3–2 üstün çykdy. Jogap duşuşyklary 26–27-nji iýulda oýnalar.



**2-nji saýlama tapgyrynyň birinji duşuşyklarynyň netijeleri**: «Ferenswaroş»–«Slowan Bratislawa»: 1–2, «Dinamo Zagreb»–«Şkupi»: 2–2, «Garabag»–«Sürih»: 3–2, «HJK Helsinki»–«Wiktoriýa Plzen»: 1–2, «Linfild»–«Bodo-Glimt»: 1–0, «Žalgiris»–«Malmö»: 1–0, «Ludogores Razgrad»–«Şamrok Rowers»: 3–0, «Maribor»–«Şerif»: 0–0, «Makkabi Haýfa»–«Olimpiakos»: 1–1, «Pýunik»–«F91 Dudelanž»: 0–1, «Midtýullann»–«AEK Larnaka»: 1–1, «Dinamo Kiýew»–«Fenerbahçe»: 0–0.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# OSKARLY AKTRISA WENESIÝADA EMINLERE ÝOLBAŞÇYLYK EDER

**Dünýäniň iň gadymy film festiwaly bolan Wenesiýa kino şüweleňinde ýeňijileri saýlajak eminler topary we onuň ýolbaşçysy mälim edildi. 79-njy gezek geçiriljek festiwalyň eminler toparyna oskarly aktrisa Julianna Mur ýolbaşçylyk eder. Başgaça aýdylanda, meşhur aktrisa hem ozal Wenesiýa film festiwalynda eminler toparyna ýolbaşçylyk eden Gillermo Del Toro, Bernardo Bertoluççi, Keýt Blanşett, Jeýn Kampion, Serjio Leone, Annette Benning, Kuentin Tarantino, Dewid Linç ýaly belli režissýordyr artistleriň hataryna goşular. Ýeri gelende aýtsak, 61 ýaşyndaky Mur 2004-nji ýylda «Jennetden uzakda» (Far From Heaven) filmindäki keşbi bilen Wenesiýa kino festiwalynda iň gowy aktrisa baýragyna laýyk görlüpdi. Julianna Muruň ýolbaşçylyk etjek eminler toparyna italiýaly režissýor Leonardo Di Kostanzo, argentinaly režissýor Mariano Kon, fransiýaly ssenariçi hem režissýor Odri Diwan, eýranly aktrisa Leila Hatami, ýaponiýaly ssenariçi, galamgär Kazuo Işiguro hem-de ispaniýaly režissýor Rodrigo Sorogoýen dagy çagyryldy.**





**79-njy Wenesiýa film festiwaly şu ýylyň 31-nji awgusty — 10-njy sentýabry aralygynda geçiriler. Adyndan hem belli bolşy ýaly, Italiýanyň Wenesiýa şäherinde geçirilýän festiwalda bu ýylky baş baýraga dalaşgär filmleriň sanawynyň şu aýyň ahyrlaryna mälim edilmegine garaşylýar. Festiwalda amerikaly ssenariçi hem režissýor Pol Şradere, şol sanda fransiýaly dünýä belli aktrisa Ketrin Denüwe «Ömürboýy başarnyk» baýragy gowşurylar.**

# «Dýuna: ikinji bölüm» surata düşürilip başlandy

Kanadaly režissýor Deni Willnýowyň meşhur kinosy «Dýuna» (Dune) filminiň ikinjisiniň surata düşüriliş işlerine badalga berildi. Häzirki wagtda Wengriýanyň paýtagty Budapeştde surata düşürilýän filmde kino sungatynyň meşhur ýyldyzlary dürli keşpleri janlandyrýar. Ençeme baýrak gazanan 1-nji filmiň artistleri – Timoti Şalame, Rebekka Ferguson, Joş Brolin, Zendeýa, Stellan Skarsgard, Deýw Bautista, Stefen MakKinli Henderson, Şarlotta Rempling dagynyň hataryna 2-nji kinoda surata düşmek üçin Florens Pýu, Ostin Batler, Kristofer Wolken, Lea Seýdu, Suheila Ýakub ýaly meşhur ýyldyzlar hem goşuldy. «Dýuna: ikinji bölüm» filmi birinji kinonyň dowamyndaky wakalar barada bolar. Pol Atreides we ejesi fremenleriň hataryna goşulýar. Ýöne muňa garamazdan geljekdäki urşuň öňüni almak olara başartmaýar. Film 2023-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda kinoteatrlara ýaýradylar.





10 ugurda Oskara dalaşgär görkezilen «Dýuna» filmi 6 Oskar heýkeljigini gazanypdy (iň gowy saz, ses, montaž, operator, çeperçilik bezegi, wizual effektler). 165 million dollar çykdajy edilen kino prokatlardan 401 million dollar toplapdy. Film amerikaly ýazyjy Frank Herbertiň adybir eseri esasynda ekranlaşdyryldy.

# TÄZE FILM

**Ady:** «DC super öý haýwanlar topary» (DC League of Super-Pets); **Režissýory:** Jeýred Stern; **Ssenariçileri:** Jeýred Stern, Jon Wittington («DC Comics»-iň komiksleri esasynda); **Prodýuserleri:** Patrişiýa Hiks, Dweýn Jonson, Deni Garsiýa, Hiram Garsiýa, Jeýred Stern; **Ses berenler:** Dweýn Jonson, Kewin Hart, Keýt MakKinnon, Jon Krasinski, Wanessa Baýer, Nataşa Lionn, Diego Luna, Tomas Middlditç, Ben Şarts, Keanu Riwz; **Kompozitory:** Stiw Ýablonski; **Öndürijiler:** «Warner Animation Group», «DC Entertainment», «Seven Bucks Productions», «A Stern Talking To»; **Paýlaýjy:** «Warner Bros. Pictures»; **Dowamlylygy:** 100 minut; **Görnüşi:** animasiýa, komediýa; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

Köpleriň sabyrsyzlyk bilen garaşýan bu animasiýasyna Jeýred Stern režissýorlyk edýär. Bu onuň ikinji režissýorlyk işidir. «DC Comics» hem-de «Warner Bros.» kompaniýalarynyň bilelikdäki önümi bolan multfilmiň gahrymanlaryna Dweýn Jonson, Kewin Hart, Keýt MakKinnon, Jon Krasinski, Wanessa Baýer, Nataşa Lionn, Diego Luna, Tomas Middlditç, Ben Şarts, Keanu Riwz ýaly «Hollywood»-yň meşhur artistleri ses berýärler. Geljek hepdäniň anna gününden kinoteatrlarda görkezilip başlanjak animasiýanyň ssenarisini Jon Wittington bilen režissýoryň özi bilelikde ýazdy. Hereketli we komediýa görnüşli animasiýada «DC Comics»-iň meşhur super gahrymanlarynyň özleri däl-de, olaryň öý haýwanlarynyň başdan geçirmesi barada söhbet açylýar. Supermeniň ýakyn dosty Krypto atly it super güýçleri bolan pişik bilen ýola rowana bolýarlar. Olara Betmeniň tazysy Eýs, Wonder Womeniň kengrusy Jumpa, Fleşiň pyşbagasy Watzit we beýleki haýwanlar goşulýar. Şondan soň täze başdan geçirmeler başlaýar...






# Jonni Depp FRANSUZ KINOSYNDA BAŞ KEŞPDE

**Amerikaly meşhur aktýor Jonni Depp «La Favorite» atly fransuz filminde surata düşer. «Netflix»-iň önümi boljak film Fransuz ynkylaby döwründe bolup geçen wakalar barada bolar. Jonni Depp bu filmde fransuz şasy Lui XV keşbini janlandyrar. Bu film Deppiň fransuz dilindäki ilkinji kinosy bolar. Şeýle-de, filmi meşhur zenan režissýor Maiwenn Le Besko surata düşürer. Filmiň ssenarisini hem režissýoryň özi ýazar. Awgust aýynda başlanjak surata düşüriliş işleri Parižiň golaýyndaky Wersal köşgünde geçiriler. Filmi 3 aýyň dowamynda surata düşürmeklik göz öňünde tutulýar we ol geljek ýyl ekranlara çykarylar.**



# 74-nji «Emmi» baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi

Telewideniýe dünýäsiniň iň abraýly baýragy hasaplanýan «Emmi» baýraklarynyň bu ýylky dalaşgärleri mälim edildi. «Mirasdüşerler» (Succession) serialy 74-nji «Emmi» baýraklarynda iň köp ugur boýunça dalaşgär görkezilen ekran eseri boldy. HBO-nyň önümi bolan serial 25 ugur boýunça «Emmi» heýkeljiklerine dalaş eder. Şeýle-de, «Ted Lasso» serialynyň hem-de «Ak lotos» teleserialynyň 20 dalaşgärligi bar. Umumylykda HBO we «HBO Max»-yň 140, «Netflix»-iň 105, «Disney+»-yň 34 dalaşgärligi bolup, olar öňdäki 3 orny eýeleýärler. Iň gowy drama serialy ugrunda «Mirasdüşerler» (Succession), «Eýforiýa» (Euphoria), «Kalmar oýunlary» (Squid Game), «Ozark» (Ozark), «Bölünişik» (Severance), «Örän täsin zatlar» (Stranger Things), «Soula jaň edeniň gowy» (Better Call Saul), «Eşegarylar» (Yellowjackets) ýaly seriallar, şol sanda «Barri» (Barry), «Ajaýyp hanym Meýzel» (The Marvelous Mrs. Maisel), «Ted Lasso» (Ted Lasso), «Biz kölegede näme edýäris» (What We Do in the Shadows), «Ganhorlar bir binada» (Only Murders in the Building), «Hilegärler» (Hacks), «Öz entuziazmiňe erk et» (Curb Your Enthusiasm), «Ebbot başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary) seriallary-da iň gowy komediýa ugurlary boýunça dalaşgär görkezildi.



Ýeňijiler 13-nji sentýabrda Los Anjelesde geçiriljek dabarada mälim ediler.

# «Titanik» filminiň rekordyny täzeledi

Ýylyň bir milliard dollardan köp girdeji gazanan ilkinji filmi «Top Gan: Mawerik» (Top Gun: Maverick) dünýä belli «Titanik» (Titanic) filminiň rekordyny täzeledi. Tom Kruzuň baş keşpde çykyş edýän kinosy «Top Gan: Mawerik» «Paramount Pictures» studiýasynyň Demirgazyk Amerikadaky iň girdejili ekran eseri boldy. Filmiň şu wagta çenli Demirgazyk Amerikanyň kinoteatrlaryndan ýygnan kassa ýygymy 620 million dollardan geçdi. Bu ugurda ozalky rekord 600 million dollar bilen 1997-nji ýylda ekranlara çykan «Titanik» filmine degişlidi. Şeýlelikde, «Titanik» filminden 25 ýyl soň rekord täzelendi. 1986-njy ýylda ekranlaşdyrylan «Top Gan» filminden 36 ýyl soň ekranlara çykan «Top Gan: Mawerik» filmi 170 million dollara surata düşürilip, ol häzirlikçe prokatlardan 1 milliard 240 million dollar toplady.




## Mähriban ildeşler!

«Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky «Şowly söwda» ygrarlyk maksatnamasyny işe girizdi. Maksatnamanyň çäklerinde «Maestro» kartlaryny ulanyjylara maksatnama birigen hyzmatdaşlarynyň söwda we hyzmat nokatlaryndaky POS terminallarynda söwda edenlerinde, söwdanyň 3 göterimi bank tarapyndan, 3 göterimi söwda-hyzmat ediji hyzmatdaş tarapyndan tölenip, jemi 6 göterim «cash back» sylagy hökmünde kart saklaýjynyň hasabyna yzyna gaýtarylyp berilýär.

Häzirki wagtda bu maksatnama bankyň iri müşderileri bolan «Halk Market», «Şerbet Market» hem-de «Milli Market» söwda nokatlary birikdiler.

«Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky öz müşderilerini «Şowly söwda» ygrarlyk maksatnamasyna birikmäge çagyrýar.

**Giňişleýin maglumatlar bankyň *rysgalbank.com.tm* saýtynda ýerleşdirilen.**

## Hormatly raýatlar!

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň amatlyklaryndan peýdalanmaga çagyrýar.**

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Altyn asyr» bank kartyny saklaýjy müşderilerine bank tarapyndan hödürlenilýän gysga möhletli karzlar üçin «Owerdraft karty» atly täze bank kartynyň ulanyşa girizilendigini habar berýär.

«Owerdraft karty» nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar geçirilende müşderiniň «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda baglaşylan şertnama laýyklykda onuň «Owerdraft kart» hasabyna kesgitlenen çäklerde awtomatiki usulda gysga möhletli karzlary resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.




Müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän «Altyn asyr» bank kart hasabyna serişde gelip gowşanda bellenilen tertipde karz yzyna gaýtarylýar. Şeýle hem degişli şertnamanyň hereket edýän döwründe karz gaýtarylandan soňra, goşmaça şertnama baglaşmazdan «Owerdraft karty» hasabyna karzy gaýtadan ulanmak mümkinçiligi döredilen.

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-03-04 Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň www.tnbk.tm resmi internet sahypasynda görkezilen.**